TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝAŞLARYMYZYŇ RUHY-AHLAK, MEDENI, AŇ-BILIM WE BEDEN TAÝDAN ÖSÜŞINE ULY ÄHMIÝET BERÝÄRIS. ÇÜNKI YLYMLY-BILIMLI, SAGDYN ÝAŞLAR DÖWLETIMIZIŇ KUWWATLY GÜÝJÜDIR, NURANA GELJEGIDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
1-nji sentýabr, 2023. Belgisi 35/1549



# OBASENAGAT TOPLUMYNYŇ NETIJELILIGI — AZYK BOLÇULYGYNYŇ BINÝADY

***28-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda hem-de welaýatlarda ýerine ýetirilýän işleriň barşyna seredildi.***

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda pagta ýygymyny üstünlikli geçirmek üçin welaýatlarda pagta arassalaýjy kärhanalary, harmanhanalary we pagta ýygyjy kombaýnlary ýygym möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Şunuň bilen bir hatarda, geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekiljek meýdanlarda sürüm we tekizleýiş işleri geçirilýär, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny, şeýle hem ýokary hilli tohumlary möwsüme taýýarlamak boýunça zerur çäreler görülýär. Welaýatlarda güýzlük ýeralma we beýleki azyklyk oba hojalyk ekinlerine agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda degişli ideg işleri ýerine ýetirilýär.

Mundan başga-da, häkimler Bilimler we talyp ýaşlar güni, şeýle hem ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy mynasybetli welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän durmuş maksatly binalar barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi hem-de welaýatlaryň bugdaý ekiljek ýerlerini ekişe taýýarlamak, daýhanlary ýokary hilli bugdaý tohumlary bilen üpjün etmek, pagta ýygymy möwsümini guramaçylykly geçirmek boýunça ýerine ýetirilýän işleri berk gözegçilikde saklamagy häkimlere tabşyrdy.

Şeýle hem häkimlere täze okuw ýyly mynasybetli welaýatlarda ulanylmaga berilmegi meýilleşdirilen binalaryň we desgalaryň açylyş dabaralarynyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek tabşyryldy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, welaýatlarda gallaçy daýhanlarymyz tarapyndan ýerleri bugdaý ekişi möwsümine taýýarlamak hem-de ekişi agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli geçirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bugdaý ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, geriş we çil çekmek hem-de ýuwuş suwuny tutmak işleri geçirilýär. Möwsümde ulanyljak bugdaý ekiji gurallary we bejergi traktorlary, ýokary hilli tohumlary taýýarlamak işleri dowam edýär.

Pagta arassalaýjy kärhanalary, kabul ediş harmanhanalary, terezileri, pagta ýygýan kombaýnlary we pagta daşamakda ulanyljak awtoulaglary hem-de beýleki oba hojalyk tehnikalaryny pagta ýygymyna taýýarlamak üçin degişli işler alnyp barylýar. Bu işler bilen bir hatarda, güýzlük ýeralmanyň, gök-bakja we beýleki azyklyk oba hojalyk ekinleriniň ekişi geçirilýär, ekiş geçirilen meýdanlarda ideg işleri ýerine ýetirilýär.

Mundan başga-da, wise-premýer Daşoguz we Lebap welaýatlarynyň şaly, Mary welaýatynyň gant şugundyry ekilen meýdanlarynda ideg işleriniň dowam edýändigini habar berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi hem-de şunuň bilen baglylykda, bugdaý ekişiniň ýokary hilli we bellenen möhletlerde geçirilmegini, pagta ýygymy möwsümine ähli düzümleriň doly taýýarlykly gelmegini berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz güýzlük ýeralma, gök-bakja we beýleki azyklyk ekinleri ekilen meýdanlarda ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalarynyň berk berjaý edilmegi arkaly alnyp barylmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmegine jogapkärli çemeleşmegiň zerurdygyny belledi we bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

## YKDYSADY ösüşleriň aýdyň ýoly bilen



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ykdysady ösüşinde gazanylýan netijeler Türkmenistanyň dünýäniň durnukly ösýän ýurdy hökmünde tutýan ornuny has-da pugtalandyrmaga mümkinçilik berýär. Durnuklylyk, ilkinji nobatda, tassyklanan döwlet maksatnamalarynyň esasynda üpjün edilip, hormatly Prezidentimiz tarapyndan amala aşyrylýan diwersifikasiýa syýasaty milli ykdysadyýetimiziň bäsleşige ukyplylygyny has-da artdyrmagyň netijeli ugurlarynyň biri bolup durýar.

Üstünlikli durmuşa geçirilýän toplumlaýyn maksatnamalaryň netijesinde şu ýylyň ýedi aýynda jemi içerki önümiň durnukly ösüş depgini üpjün edildi. Ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda oňyn netijeler gazanyldy.

Geçen 7 aýda ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüş depgini 6,2 göterime deň boldy. 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önüm 6,3 göterim artdy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, bölek-satuw haryt dolanyşygy 9,4 göterim, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi 4,9 göterim ýokarlandy. Şu ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 113 göterim we çykdajy bölegi 97,9 göterim ýerine ýetirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 27,6 göterim artdy. ■ 3

## ÝUNESKO we ahalteke bedewleri



Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda eziz Watanymyzyň yzygiderli durmuşa geçirýän döredijilikli daşary syýasy strategiýasynda halkara hyzmatdaşlygyň möhüm şerti hökmünde medeni diplomatiýany ýaýbaňlandyrmaga uly üns berilýär. Bu ugurda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolan ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň netijeleri her birimizi guwandyrýar.

Türkmenistan ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy bolan pursadyndan bäri geçen 30 ýylyň dowamynda BMG-niň ýöriteleşdirilen bu düzüminiň halkara medeni hyzmatdaşlygy we gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen birnäçe taslamalaryna hem-de maksatnamalaryna gatnaşyp, özüni işjeň hyzmatdaş hökmünde görkezdi. 1995-nji ýylda Pariž şäherinde Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň ýanyndaky wekilhanasy açyldy. Ýurdumyzda ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň Milli topary hereket edýär. ■ 3

## Bilimler gününiň DABARALARY



Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary boýunça uly ösüşler, giň gerimli oňyn özgerişler gazanylýar. Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we sanly bilimi has-da ösdürmek maksady bilen, düýpli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyz üçin taryhy ähmiýetli buýsançly we guwançly wakalar boldy.

Ak mekdeplerde ilkinji jaň sesiniň kakyljak pursatlary, esasan hem, ilkinji gezek mekdebiň gapysyndan ätleýän ýaş türkmenistanlylar üçin has-da özboluşly wakadyr. Täze okuw ýylyna mynasyp girişmek üçin mekdep egin-eşikleriniň we esbaplarynyň taýýar bolmagy zerur. Şonuň üçin gözel Diýarymyzyň ähli ýerlerinde mekdep bazarlarydyr göçme söwda nokatlary doly güýjünde ýola goýlup, olarda harytlaryň ähli görnüşleriniň bolçulygy üpjün edildi. Ýurdumyzyň ähli bilim-terbiýeçilik edaralarynda bejeriş-abatlaýyş işleri geçirilip, täze okuw ýylyna taýýar edildi. ■ 3

## ARKADAG ŞÄHERI – SENAGATYŇ WE INNOWASION ÇÖZGÜTLERIŇ MEKANY

***Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda bina edilen Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy Watanymyzyň iň täze taryhynyň şöhratly sahypasy bolup, her birimiziň buýsançly başymyzy göge ýetirdi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy düýpli özgertmek boýunça giň gerimli işleriň amala aşyrylýan döwründe täze şäherleriň gurulmagy uly üstünlikleriň buşlukçysydyr.***





Döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheri Köpetdagyň eteginiň taryhy künjeginde bina edilip, sözüň doly manysynda ýaşlygyň, geljegiň, bagtyýarlygyň mekanydyr. Şäheriň ak mermerli binalary, gözel desgalary, aýna ýaly tekiz ýollary, dürli görnüşli baglary özboluşly sazlaşygy emele getirýär. Iň esasy hem, onda adamlaryň ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi we dynç almagy üçin has oňaýly şertleriň döredilendigidir hem-de häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän innowasion sanly tehnologiýalaryň olaryň hyzmatyna berlendigidir.

Täze şäherde tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy, daşky gurşaw üçin zyýansyz elektromobilleriň we elektrobuslaryň hereket etmegi, «akylly» öý hyzmatlaryndan peýdalanylmagy milli binagärligiň ajaýyp nusgasy bolan Arkadag şäheriniň ekologiýa taýdan arassadygyny alamatlandyrýan esasy aýratynlyklardyr. Täze şäherde ylym-bilim, medeni maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary bilen birlikde, saglyk we sport ulgamyna degişli desgalar ýerleşýär.

Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyryny 2023–2026-njy ýyllarda amala aşyrmak göz öňünde tutuldy. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda demir ýol menzili, awtotoplum we bellige alyş nokady, awtomobil menzili, Gorjaw etrap häkimliginiň edara binasy hem-de saglyk öýüniň binasy gurlar.

Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmegine möhüm üns berilýändigini nazara alyp, Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň desgalarynyň gurluşygynda ekologiýa meselelerine uly üns berilýär. ■ 2

## HINDISTANDA G20 sammiti geçiriler

Şu ýylyň 9-10-njy sentýabry aralygynda G20 (Uly ýigrimilik) ýurtlarynyň her ýylda guralýan nobatdaky sammiti Hindistanyň Nýu-Deli şäherinde geçiriler. ■ 4

## Ýapraklar näme üçin SARALÝAR?!



Güýz paslynyň gelmegi bilen gündiz gysgalyp, gije uzap başlaýar. Wagtal-wagtal ýagyn ýagyp, howa biraz sowaýar. Hasyl ýygnalýan möwsüm bolan bu pasylda birnäçe tebigy üýtgeşmeler bolup geçýär. ■ 5

## 2 OÝUNDA 10 GOL



Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 16-njy tapgyryň çäginde 2 duşuşyk geçirildi. 2 duşuşygyň wagty bolsa yza süýşürildi. ■ 7

# ARKADAG ŞÄHERI – SENAGATYŇ WE INNOWASION ÇÖZGÜTLERIŇ MEKANY

Başlangyjy 1-nji sahypada.





Täze şäherde döwrebap lukmançylyk serişdeleriniň, saglygy goraýyş ulgamyna degişli enjamlaryň önümçiligi boýunça häzirki zaman senagat toplumlarynyň gurluşygy meýilleşdirildi.

Aýratyn-da, türkmen topragynda bitýän ösümliklerden lukmançylyk serişdeleriniň taýýarlanylmagyna uly üns berler. Munuň özi, birinjiden, taýýarlanylýan serişdeleriň özüne düşýän gymmatyny peseldýär, ikinjiden bolsa olar ynsan saglygy üçin peýdalydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti tarapyndan Arkadag şäherinde lukmançylyk we derman senagatynyň önümçiliginiň gurluşygy üçin maslahat beriji kompaniýany saýlap almak babatda halkara bäsleşik yglan edildi.

Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň çäklerinde, saglygy goraýyş, ýeňil we azyk senagaty ulgamlaryna degişli desgalary gurmak meýilleşdirilýär, olar iri toplumlar bolar. Türkmenistanyň at gazanan arhitektory, alym Arkadagymyz desgalaryň gurluşygynda häzirki zamanyň ösen tejribesiniň ulanylmalydygyny, gurluşyk serişdeleriniň hiline we ekologiýa derejesine aýratyn üns berilmelidigini, senagat desgalarynyň daşky gurşawa ýaramaz täsiriniň öňüniň alynmalydygyny hemişe nygtaýar.

Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň çäklerinde gurulmagy meýilleşdirilýän senagat desgalarynyň daşky gurşawa zyýan ýetirmezden, ekologiýa howpsuzlygyna degişli birnäçe görkezmeleri berdi hem-de öndüriljek önümleriň ýokary hilli bolmalydygyny, munuň bolsa ýurdumyzyň eksport kuwwatynyň artdyrylmagyna ýardam etjekdigini belledi.

Umuman, Arkadag şäheri dünýäniň iň täze we geljegi uly şähergurluşyk hem-de inženerçilik-tehniki çözgütlerini, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen ägirt uly gurluşyk taslamasynyň durmuşa geçirilmegini, ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn innowasion ösüşine, ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, halkyň ýaşaýyş derejesini we hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünliklerini özünde jemleýär.

**Batyr SARYJAÝEW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

# 11 AÝLYK BÄBEK
## 23 ýurda aýlandy



Täze zelandiýaly Beks Lewis hem-de Will Mongomeriniň 11 aýlyk bäbekleri eýýäm 23 ýurdy aýlanyp, rekord goýupdyr. Bu maşgala bäbekleri bir ýaşy dolmanka 25 ýurda aýlamagy maksat edinýär. Ýaş çatynjalar Atlas atly ogullary dünýä inenden soňra Ýewropa ýurtlaryna syýahata gitmek kararyna gelipdirler. Şondan soňra olaryň bu syýahaty dowam edipdir. Oglanjyk Şweýsariýada wagty emedeklemegi öwrenipdir, Norwegiýadaka dişi çykypdyr, Fransiýada nahar iýip başlapdyr. Atlasyň ene-atasy ilkibaşda bäbek bilen syýahat etmek pikirleriniň ýokdugyny, emma munuň çak edilişi ýaly kyn bolmandygyny aýdýar. Olar Ýewropa barandan soňra kiçiräk awtobus satyn alyp, Italiýa, San-Marino, Şweýsariýa, Lihtenşteýn, Sloweniýa, Horwatiýa, Awstriýa, Çehiýa, Daniýa we Norwegiýa ýaly ýurtlara syýahat edipdirler. Indi bolsa olar awtobusy satyp, ilki Angliýa, soňra bolsa uçar bilen Gresiýa baryp, Atlasyň doglan gününi bellemegi maksat edinýärler.

# GÜÝZ PASLYNY SAGDYN GEÇIRIŇ!



Howanyň çyglylygynyň üýtgemegi, gije uzalyp, gündiziň gysgalmagy güýz paslyna mahsus alamatlar bolup, adamyň fiziki işjeňligine hem-de psihologiýasyna täsir edýär. Pasyl çalşygynda howanyň dowamly üýtgäp durmagy käbir nähoşluklaryň döremegine getirip bilýär. Şol sebäpli geçiş möwsüminde saglyk bilen bagly ýagdaýlara hem-de arassaçylyga yzygiderli üns bermeli. Güýz paslyny sagdyn geçirmek üçin, ilki bilen, dogry iýmitlenmeli, kadaly uklamaly, şeýle hem sport bilen meşgullanmaly.

Pasyl çalşygynda daşky gurşaw, ilki bilen, dem alyş ýoluna, derä we göze täsir edýär. Bu ýagdaý immunitetiň gowşamagyna, adamyň özüni ysgynsyz duýmagyna sebäp bolup bilýär. Dem alyş ýollarynda döreýän keseller güýz paslynda iň köp duş gelýän nähoşluklaryň biri bolup, keseliň alamatlary yssy howadan çygly howa şertine geçilmegi bilen düşündirilýär. Şonuň üçin bu möwsümde talabalaýyk geýinmek, antioksidantlara baý önümleri kabul etmek, güýzde ýetişýän injir, üzüm, nar, beýi ýaly miweleri iýmek örän möhümdir. Bal we süýt önümleriniň bedeniň gorag ulgamyny güýçlendirýändigini hem ýatdan çykarmaly däl.

Güýzde sport bilen meşgullanmagy dowam etdirmeli, ýöne howanyň üýtgemegi sebäpli aşa türgenleşmekden saklanmaly. Bedeniňizde agyry duýan halatyňyzda maşk etmegi bes etmeli. Howanyň arassa we güneşli günleri sport bilen meşgullanmak saglyk üçin zyýansyz bolup, howa şertine laýyklykda geýinmegi ýatdan çykarmaly däl.

**Maral TÄÇMYRADOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Iç keselleri boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# DÜNÝÄNIŇ
## iň gymmat peýniri



Ispaniýada «Cabrales» gök peýniriň 2,2 kilogramlyk bölegi auksionda 30 müň ýewro satyldy. Bu söwda dünýädäki iň gymmat peýnir rekordyny täzeledi. Peýnir taýýarlaýan Gillermo Pendas Ispaniýanyň döwlet habarlar gullugyna beren maglumatynda: «Gowy peýnirimiziň bardygyny bilýärdik, ýöne ýeňmegiň kyndygyny hem bilýärdik» diýdi.

«Los Puertos» peýnir zawodynyň eýesi, Pendasyň ejesi Roza Wada bu peýniri 1400 metr belentlikdäki gowakda 7 dereje temperaturada taýýarlandyklaryny we azyndan sekiz aý şol ýerde saklandyklaryny aýtdy.

Peýniri ýurduň demirgazygyndaky Asturiýa knýazlygynyň Owýedo şäheriniň golaýynda ýerleşýän «El Llagar de Colloto» restoranynyň eýesi Iwan Suares satyn aldy. Adaty «Cabrales» peýniriniň 1 kilogramynyň bahasy 35-40 ýewrodan satylýar.

Bu peýnir çig sygyr süýdünden ýada sygyr, goýun we geçi süýdüniň garyndysyndan taýýarlanýar. Mundan ozalky rekord 2019-njy ýylda hasaba alnypdy. 20 müň 500 ýewro satylan peýniri hem Suares satyn alypdy.

# ELEKTROULAG
## bäsdeşligi ýitileşýär

Elektroulaglary öndürýän kompaniýalaryň sany we kysymlary artýan hem bolsa, diňe bu ugurda iş alyp barýan «Tesla» öňdeligi eýelemegini dowam etdirýär. Hytaýyň «Xpeng» kompaniýasynyň bolsa bu ugurda öňdeligi eýelemegine garaşylýar. Kompaniýa elektroulag öndürýän «Didi» atly başga bir kompaniýany 774 million dollara satyn aldy. Mundan soňra «Didi» elektroulaglarynyň «Mona» ady bilen müşderilere ýetirilmegine garaşylýar. «Didi» we «Xpeng» kompaniýalary «akylly» elektroulaglaryň we olara degişli tehnologiýalaryň global derejesinde ulanylyşyny artdyrmak maksady bilen hyzmatdaşlyk ederler. Hyzmatdaşlygyň çäklerinde «Didi» elektroulaglary «Xpeng» kompaniýasyna degişli model hökmünde satuwa çykarylar. Şeýle hem hyzmatdaşlyk marketing, maliýe, zarýad infrastrukturasy we dünýä bazaryna çykarylmagy ýaly awtoulagyň öndürilmeginden müşderileriň ulanmagyna çenli ähli ugry öz içine alýar. Ylalaşygyň çäklerinde geljek ýyl «Xpeng» ilkinji modelini satuwa çykarar. Ulagyň bahasynyň 20 müň dollar boljakdygy habar berildi.



«Xpeng» önümçiligini artdyrmak üçin öňden bäri beýleki kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk edýär. Mundan ozal kompaniýanyň işläp taýýarlan tehnologiýasynyň «Volkswagen»-iň indi çykjak iki modelinden ulanyljakdygy mälim edilipdi.

Häzirki wagtda «Xpeng» elektroulag önümçiliginde öňdäki orunlary eýelemeýär. Täze gazanylan ylalaşyk bilen önümçiligi görnetin artmagyna garaşylýar.

**Jennet ATDAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty.*

# WENESIÝA
## film festiwaly başlady

30-njy awgustda dünýäniň iň gadymy kinofestiwaly bolan Wenesiýa film şüweleňi başlady. 80-nji gezek geçirilýän festiwal 9-njy sentýabrda tamamlanar. Taryhy ýadygärlikleri we kanallary bilen meşhur bolan Wenesiýada geçirilýän festiwalda 21 film «Altyn palma» baýragynyň dalaşgärligine hödürlendi. Ýaryşyň ilkinji gününde Edoardo De Anjelisiň režissýorlyk etmeginde surata düşürilen «Comandante» açylyş filmi hökmünde görkezildi.

Her ýyl geçirilýän festiwalyň açylyşynyň öň ýanynda geçirilen çärede uzyn metražly «Sala Darsena of Portrait of Gina» (1958) we «Sala Darsena» filmleri görkezildi. Iki film hem şu ýylyň ýanwar aýynda aradan çykan italýan kinosynyň halypasy Jina Lollobrijidanyň hormatyna görkezildi.

Şeýle hem şu gün ussat režissýor Wes Andersona ýörite baýrak – «Cartier Glory to the Filmmaker Award» gowşurylar. Onuň yzýany Reýf Faýns, Benedikt Kamberbetç, Dew Patel, Ben Kingsli we Riçard Aýoadi ýaly aktýorlaryň gatnaşmagynda düşürilen «The Wonderful Story of Henry Sugar» gysga filminiň ýaryşdan daşgary görkeziljek.



Festiwalda emin agzalaryna «La La Land» filmi bilen meşhurlyk gazanan, ýaş režissýor Damien Şazell ýolbaşçylyk eder. Şeýle hem palestinaly aktýor Saleh Bakri, täze zelandiýaly režissýor, ssenariçi Jeýn Kampion, fransiýaly režissýor Mia Hansen-Lýowe, italiýaly režissýor, ssenariçi Gabriele Mainetti, britaniýaly režissýor Martin MakDonah, argentinaly režissýor Santiago Mitre, amerikaly režissýor Lora Poýtras hem-de taýwanly aktrisa Şu Si dagy çagyryldy.

**Parahat MUHAMMETNAZAROW,**
*«Türkmenistan Sport» teleýaýlymynyň alypbaryjysy.*

# ROBOT
## işgärler artýar



Koreýa Respublikasyndaky restoranlarda robot ofisiantlaryň sanynyň artandygy habar berildi. Pandemiýa döwründe adamlaryň galtaşyksyz hyzmata öwrenişmegi soňlugy bilen hem dowam edipdir. Ýurduň ilatynyň azalmagy bilen işgär ýetmezçiligi hem ýüze çykypdyr. Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde robotlaryň bahasy arzanlapdyr. Koreýanyň robot senagaty bileleşiginiň maglumatyna görä, ýurtda robot ofisiantlaryň sany 2021-nji ýyldakydan 67 esse köpelip, 5 müňe ýetipdir. Bu görkezijiniň ýylyň ahyryna çenli iki esse artyp 10 müňe ýetmegine garaşylýar. Şeýle robotlaryň bahasynyň 10 million wondan (7 müň 460 dollar) 30 million won (22 müň 380 dollar) aralygynda üýtgeýändigi aýdylýar.

# EMELI HEMRALARYNYŇ
## sany 5 müňe ýetdi

Ilon Maskyň eýeçilik edýän «SpaceX» kompaniýasynyň «Starlink» taslamasynyň çäklerinde kosmosa uçurylan emeli hemralaryň sany 5 müňden geçdi. Ýer ýüzüni gönüden-göni kosmosdan internet bilen üpjün etmek meýilleşdirilýän taslamanyň çäklerinde jemi 30 müň emeli hemranyň uçurylmagy göz öňünde tutulýar. 27-nji awgustda kompaniýa 22 sany kiçi göwrümli emeli hemrany Ýeriň aşaky orbitasyna uçurdy. Maglumatlara görä, soňky uçuşyň amala aşyrylmagy bilen «Starlink» emeli hemralarynyň sany täze sepgide ýetdi. Ondan ozalky uçuşda bu görkeziji 4 müň 983 bolupdyr.



Soňky uçuş Floridadaky Keýp Kanaweral kosmodromyndan «Falcon 9» raketasy arkaly amala aşyryldy. «SpaceX» kompaniýasy raketalaryň käbir böleklerini gaýtadan ulanmak tehnologiýasyny hem kämilleşdirýär. Uçuşdan 8,5 minutdan soňra raketanyň esasy bölegi deňizdäki bellenen platforma şowly ýagdaýda gondy. «Falcon 9»-yň ikinji bölegi emeli hemralary Ýeriň aşaky orbitasyna ýerleşdirmek üçin uçuşyny dowam etdirdi. Emeli hemralar raketa uçurylandan 65 minut soňra orbita baryp ýetdi.

«Starlink» taslamasynyň çäklerinde planetamyzyň aşaky orbitasyna müňlerçe emeli hemranyň uçurylyp, ýokary hilli internet hyzmatynyň hödürlenmegi maksat edinilýär. «SpaceX»-iň häzirlikçe 12 müň emeli hemrany orbita çykarmagyna rugsady bar.

# ITALIÝA ÝEWROPANYŇ
## gaz merkezi bolar

Italiýanyň Hökümeti Ýewropa üçin esasy energiýa üpjünçilik merkezi bolmagy meýilleşdirýär. Ýurduň hökümeti bu baradaky meýilnamasyny oktýabr aýynda mälim eder. Meýilnamanyň çäklerinde Transadriatik geçirijisiniň (TAP) giňeldilmegi we Afrikadaky gaz öndürijiler bilen has ýakyndan hyzmatdaşlyk edilmeginiň netijesinde Ýewropanyň beýleki ýurtlaryna has köp energiýanyň iberilmegi göz öňünde tutulýar.

Italiýanyň hökümet başlygynyň maslahatçysy Alfredo Mantowano ýurduň Günorta gaz geçelgesiniň (Azerbaýjandan başlap Türkiýe, Gresiýa, Albaniýa ýurtlarynyň üstünden geçip Italiýa çenli barýan gaz geçiriji) soňky şahasy bolan Transadriatik geçirijisiniň Ýewropa gaz ibermekde ähmiýetli boljakdygyny belledi. TAP-yň ýyllyk kuwwaty 10 milliard kubmetre ýetýär. 2027-nji ýylyň ahyryna çenli bu gaz görkezijiniň iki esse artdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Mantowano ýylyň ýanwar aýynda Alžir bilen Liwiýanyň arasynda gol çekilen ylalaşyklaryň hem gaz üpjünçiligini has-da artdyrmaga ýardam etjekdigini belledi. Mundan ozal, aprel aýynda ýurduň hökümet başlygy Jorja Meloni şeýle maksatnama barada oktýabr aýynda mälim ediljekdigini aýdypdy.

Ýewropa Komissiýasy mundan öň TAP-y öz içine alýan Günorta gaz geçelgesini infrastrukturasynyň sebitiň energiýa çeşmeleriniň diwersifikasiýa edilmegine goldaw bermek üçin Günorta Ýewropada Ortaýer deňzi gaz üpjünçilik merkeziniň gurulmagyna zerurlyk duýulýandygyny belläpdi.

Häzirki wagtda Alžir Italiýanyň iň uly gaz üpjünçisi, Azerbaýjan bolsa TAP arkaly ýurda iň köp gaz iberýän ikinji ýurt hasaplanýar.

# MÜSÜR
## gazyň çykarylyşyny artdyrýar

Müsüriň nebit we mineral serişdeler ministri Tarik al-Mulla 2025-nji ýyla çenli 35 sany täze tebigy gaz ýatagyny açmagy meýilleşdirýändiklerini belledi. Ýurduň Premýer-ministri bilen duşuşan Al-Mulla Ortaýer we Nil basseýninde jemi 45 sany tebigy gaz ýatagynyň açylmagynyň meýilleşdirilendigini, 2022-nji maliýe ýylynda 10 sany gaz ýatagynyň açylandygyny aýtdy. Ministr 2025-nji ýylyň iýunynda tamamlanýan 2024-nji maliýe ýylynyň ahyryna çenli bu taslamalar üçin 1,5 milliard dollardan gowrak maýa goýumyň özleşdiriljekdigini belledi. Ministr açylan 10 sany tebigy gaz ýatagynda gazyň tapylandygyny, olaryň iň esasysynyň Nergis gaz känidigini belledi. Täze açyljak guýularyň ýerleri barada maglumat berilmedi.



Soňky ýyllarda içerki bazaryny tebigy gaz bilen doly üpjün edýän ýurt nebit we gaz gorlaryny artdyrmak üçin iri taslamalary durmuşa geçirýär.

# ŞWEÝSARIÝADA
## gyş ir geldi

Şu ýyl bütin dünýäde, şol sanda Ýewropa ýurtlarynda birnäçe gezek yssy howa rekord derejä ýetdi, guraklyk sebäpli derýalaryň we kölleriň suwy azaldy, ilata suwy tygşytly ulanmak barada duýduryldy. Şeýle-de bolsa Şweýsariýanyň Sermatt sebitinde howanyň temperaturasy birküç günde 30 dereje peselip, gar ýagdy. Bu ýagdaý ýerli ýaşaýjylary geň galdyrdy. Ýurduň Federal meteorologiýa we klimatologiýa edarasy (MeteoSwiss) deňiz derejesinden 1638 metr belentlikdäki bu daglyk sebitde gar ýagandygyny habar berdi. 24-nji awgust güni sebitde termometrler 31,2 derejäni görkezipdi. Şol gün ýurtda şu ýylyň iň yssy güni hem hasaba alnyp, paýtagt Ženewada howanyň temperaturasy 38 derejä ýetipdi. 28-nji awgust güni irden bolsa termometrler 0,5 derejäni görkezdi. MeteoSwiss Şweýsariýanyň Alp daglarynyň 2000-2400 metr belentlikdäki ýerlerinde garyň we ýagşyň ýagyp biljekdigini habar berdi.



Ýurduň günortasyndaky Tiçino kantonynda bolsa, güýçli ýagyn ýagdy.

# GLOBAL
## awtoulag satuwy rekord goýdy

Ýaponiýanyň «Toyota Motor» kompaniýasynyň iýul aýyndaky satuwy rekord derejä ýetdi. Ýapon kompaniýasynyň awtoulag satuwy iýulda geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8 göterim ýokarlanyp, 859 müň 506-a ýetipdir. «Toyota» kompaniýasyna degişli bolan «Hino Motors» we «Daihatsu» brendlerini hasaba alanyňda, 918 müň 345 ulag satylypdyr. Kompaniýanyň bir aýdaky önümçiligi bolsa, 14,6 göterim artyp, 809 müň 400 ulag bolupdyr.



Brendiň öz ýurdundaky satuwy 35 göterim artyp, 1 million 1025 bolupdyr. Dünýäniň iň uly awtoulag bazary hasaplanýan Hytaýda bolsa, 152 müň 717 awtoulag ýerlenipdir. «Toyota»-nyň ýanwar-iýun aralygyndaky global satuwy geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda 5,5 göterim artyp, 5 million 797 müň 140 bolupdyr.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 1-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112330
Belgisi: 35/1549
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**elektron poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# BILIMLER GÜNÜNIŇ DABARALARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli şu gün dürli dabaraly çäreler geçiriler, şol sanda Arkadag şäherinde hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda jemi 13 sany çagalar bagy, 19 sany orta mekdep we okuw-terbiýeçilik toplumy, şeýle hem Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebi, Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebi, Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebi, Şükür bagşy adyndaky Arkadag şäher çagalar sungat mekdebi, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy, şeýle-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň binalar toplumy ýokary guramaçylyk derejesinde, dabaraly ýagdaýda açylar.

Şeýle-de, bu şanly senede Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 5 müň orunlyk täze binalar toplumynyň, Türkmenabat şäherinde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň 5 müň orunlyk döwrebap binalar toplumynyň, Mary şäherinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde täze goşmaça okuw binasynyň, umumy ýaşaýyş jaýynyň, sport desgasynyň we aýlawly ýolda monumentiň düýbüniň tutulyş dabaralaryny guramaçylykly geçirmek boýunça taýýarlyk işleri alnyp baryldy.





Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, ýaş nesle berilýän bilimiň hiliniň we mazmunynyň iň öňdebaryjy halkara talaplaryna laýyk gelmegini gazanmak boýunça berýän tabşyryklaryny durmuşa geçirmek, bagtyýar geljegimiz bolan ýaş nesilde eziz ata Watanymyza, merdana halkymyza, Arkadagly Serdarymyza bolan çuňňur söýgini we çäksiz wepalylygy terbiýelemek, bedew batly ösüşlere, ýeňişli üstünliklere buýsanjy has-da dabaralandyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde, orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde täze, 2023–2024-nji okuw ýylynyň başlanmagyna bagyşlanan ilkinji okuw sapagy «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýen at bilen geçiriler.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Bütindünýä Ýaşlar jemgyýetiniň resmi agzalygyna kabul edilendigi baradaky hoş habaryň ýurdumyza gelip gowuşmagy hem ajaýyp we guwandyryjy wakalaryň biri boldy. Bu möhüm waka hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara ýaşlar dialogyny işjeňleşdirmäge, ýaş nesliň ruhy-ahlak, medeni, aňyýet hem-de beden taýdan sazlaşykly ösmegine uly goşandyny goşýandygynyň nobatdaky ykrarnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen täze okuw ýylynda ýurdumyzda täze ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň açylýandygy guwandyryjy wakadyr.

Umuman, 2023–2024-nji okuw ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 10-syna täze hünärleriň girizilendigini, şolaryň 21-siniň bakalawr, 8-siniň hünärmen, 6-synyň bolsa magistr maksatnamalaryny öz içine alýandyklaryny bellemek gerek. Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň berýän tabşyryklaryna laýyklykda, täze okuw ýylyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň 35-siniň açylandygy guwandyryjy wakadyr. Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak babatynda üstünlikli durmuşa geçirýän beýik işleriniň anyk mysallarydyr.

**Arslan MUHAMMETDURDYÝEW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň mugallymy.*

# YKDYSADY ösüşleriň aýdyň ýoly bilen

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Milli ykdysadyýetimiziň köpugurly hem-de durnukly ösüşini saklamak, önümçilik kuwwatlyklaryny doly peýdalanmak, ulag-logistika ulgamyny ösdürmek we sanly tehnologiýalary, öňdebaryjy tejribäni giňden ornaşdyrmak boýunça möhüm wezipeler kesgitlendi. Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawyny bermek, daşary ýurt maýa serişdelerini çekmek, ilatyň durmuş üpjünçiligini pugtalandyrmak hem-de ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak boýunça zerur çäreleriň görülmelidigi nygtaldy.

Ýurdumyzda dowam edýän iri senagat we ýaşaýyş-durmuş maksatly köp sanly desgalaryň gurluşygyny öz wagtynda, ýokary hilli ýerine ýetirmek hakynda aýdyldy. Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramy, şeýle hem Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly mynasybetli geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreler hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini guramaçylykly geçirmäge taýýarlyk görmek barada hem bellenildi.

Sentýabr aýynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli dabaralar, «Garaşsyzlygyň merjen däneleri», «Çalsana, bagşy!» bäsleşikleriniň jemleýji tapgyrlary, ýurdumyzyň ykdysady gazananlarynyň sergisi, «Türkmenistanyň Garaşsyzlygy: halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň tejribesi we geljegi» atly halkara maslahat, «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara habarlar giňişliginde» atly halkara media forumy, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçiriler.



Hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda, 2023-nji ýylyň 23-28-nji noýabry aralygynda Aşgabatda Kuraş boýunça dünýä çempionatyny geçirmek bellenildi.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna degişli işlenip taýýarlanylýan konsepsiýalardyr maksatnamalar kesgitlenen ugurlarda tizleşdirilen ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir. Mejlisde «Türkmenistanyň halkara sergi işiniň 2024-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň», «Syýahatçylyk pudagynda Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň 2024-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» tassyklanylmagy milli ykdysadyýeti köpugurly ösdürmek ugrunda ädilen ynamly ädimleriň ýene-de biridir.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde alnyp barylýan işler döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň sazlaşykly işleýändigine aýdyň mysaldyr. Döwletimiz hususyýetçiligiň ösmegini göz öňünde tutýan maksatnamalaryň çäklerinde ýaşaýyş-durmuş binalarynyň, önümçilik desgalarynyň, ýollaryň we ulag düzümleriniň gurluşyklarynyň ýerine ýetirilmegine, kiçi we orta telekeçiligi maliýeleşdirmegiň ýörite maksatnamalarynyň amal edilmegine, işewürlik üçin hünärmenleri taýýarlamak, daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek ýaly ugurlarda netijeli hyzmatdaşlyga giň ýol açýar.

Ähli pudaklarda «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde görlen çäreler barada hasabatlar diňlendi.

Durmuş ugurly syýasaty alyp barýan Arkadagly Serdarymyzyň tagallasy bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Şahsy pensiýalary bellemek boýunça ýörite toparyň döredilendigini we şu toparyň düzüminiň, şeýle hem şahsy pensiýalary bellemegiň Tertibiniň tassyklanandygyny hem bellemek zerurdyr.

**Jamal MANAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# ÝUNESKO WE AHALTEKE BEDEWLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Özara hyzmatdaşlygy ösdürmek we bu toparyň işini kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Kararyna laýyklykda, ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň Milli toparynyň düzümi we onuň Düzgünnamasy tassyklanyldy.

ÝUNESKO bilen köpýyllyk hyzmatdaşlygyň dowamynda halkymyzyň baý medeniýetini öwrenmek boýunça giň gerimli, toplumlaýyn işler alnyp barylýar, ylym-bilim we beýleki ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk edilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralaryny döretmek hem-de umumybilim berýän orta mekdepleri ÝUNESKO-nyň assosirlenen mekdepleriniň halkara toruna goşmak boýunça uly işler ýerine ýetirildi.

Häzirki wagtda bolsa, Arkadag şäherinde ýerleşýän Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubuny döretmek boýunça degişli

UNESCO
unesco
Turkmenistan
National Commission

işler alnyp barylýar. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubuny döretmek biziň ýurdumyzyň «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnamamyzyň biziň ýurdumyzyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi ugrunda amala aşyrýan işleriniň logiki dowamy bolar.

Ahalteke atlarynyň şöhratyny gorap saklamak we artdyrmak işinde bahasyna ýetip bolmajak hyzmat türkmen halkynyň Milli Liderine degişlidir. Milli Liderimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, Türkmenistan atşynaslygyň halkara merkezine öwrüldi, behişdi bedewlerimiz we ussat çapyksuwarlarymyz bolsa, daşary ýurtlarda geçirilýän iri bäsleşikleriň, abraýly atçylyk sport ýaryşlarynyň hem-de at çapyşyklarynyň ýeňijileri bolýarlar.

Ahalteke bedewleri ähli döwürlerde hem türkmen halkynyň durmuşynyň aýrylmaz bölegi hem-de wepaly hemralary, şöhratly taryhymyzyň bezegi boldular. Ýurdumyzda atçylyk pudagynyň düzümini ösdürmek, sportuň atly görnüşlerini hem-de at münmegiň milli däplerini ýaýmak boýunça deňitaýy bolmadyk çäreler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda halkara ölçeglerine kybap gelýän aýlawlar gurlup, olar at çapyşyklaryny geçirmek üçin diňe meýdan bolmak bilen çäklenmän, eýsem, sportuň milli görnüşini dünýä ýaýýan we köpçülikleýin ösdürýän merkezler hem bolup durýar.

Türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan atlaryň tohum arassalygyny gorap saklamak we baş sanyny köpeltmek, bu ugurda ýokary derejeli hünärmenleri toplumlaýyn hem-de ylmy esasda taýýarlamak maksady bilen döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy türkmen atçylyk pudagynyň has-da belende galmagyna mynasyp goşant goşar.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň mugallymy.*

# GAHRYMAN ARKADAGYŇ YLHAMYNDA PYRAGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Magtymguly Pyragynyň döredijiligi ýokary derejede sarpalanýar, şygyrlary içgin öwrenilýär. Gözbaşyny gadymyýetiň çuňluklaryndan alyp gaýdýan merdana halkymyz hemişe gujur-gaýratyna bil baglap, akyl-paýhasa hormat goýup, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň paýhas eleginde elenen dürdäne jümlelerini ýol-ýörelge edinip ýaşapdyr. Şahyr bolsa giň dünýägaraýşyny dury pikirleriň, aň-paýhasyň üsti bilen öz goşgy setirlerinde beýan edipdir.

Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän akyldar şahyryň mertebesi türkmen halky üçin hemişe belentdir. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary netijesinde hem-de Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda onuň pähim-paýhasly şygyrlaryny ylmy esasda düýpli öwrenmek, ýörelge edinmek, has-da rowaçlandyrmak, geljekki nesillere ýetirmek barada möhüm işler amala aşyrylýar.

Beýik akyldar, filosof Magtymguly Pyragy adamzadyň, halkyň aladasy bilen ýaşapdyr, asuda, erkin, bagtyýar durmuşy, berkarar döwleti, ajap eýýamy arzuw edipdir, öz zehin eleginde elenen dürdäne setirler bilen döwürdeşlerine, geljekki nesillere hemişe ynsan mertebesini belent tutmagy, Watany ýürekden söýmegi, halk bilen bir jan-bir ten bolmagy, mätäje howandarlyk etmegi, halal ýaşamagy ündäpdir.

Häzirki wagtda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 2024-nji ýylda belleniljek 300 ýyllyk şanly senesine ýokary derejede taýýarlyk görülýär.

Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň akyldar şahyrydyr. Gahryman Arkadagymyz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda «Magtymguly akyldar halkymyzyň akyl-paýhasa bolan yhlasly ymtylmasyny beýik derejä göterdi. Il-halkyň paýhasynda özleşdirilen bu ýörelgeler durmuş ulgamyna öwrüldi» diýip belleýär.

Ýakynda Gahryman Arkadagymyz gojaman Köpetdagyň ajaýyp künjeginde ýerleşýän Magtymguly Pyragy medeni-seýilgäh toplumynyň çäklerine baryp, bu ýerde alnyp barylýan işler bilen tanyşdy, akyldar şahyrymyz, türkmen edebiýatynyň parlak ýyldyzy Magtymguly Pyragynyň döredijiligi, türkmen edebiýaty barada dürdäne pikirleri aýtdy, nusgawy şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň uly dabaralara beslenip toýlanjakdygy barada belledi.



Milli Liderimiziň akyldar şahyrymyz baradaky täze goşgusy bolsa Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toýunyň dabarasyny has-da belende göterdi, bu toýuň şanyna dowam edýän döwlet hem halkara derejeli çärelere görülýän uly taýýarlyga täze güýç berdi, bütin türkmen halkyny, dünýäni ýene bir gezek bu toýuň şatlygyna, dabaralaryna goşulmaga çagyrdy.

Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň başlangyçlary hem-de ynsanperwer syýasaty netijesinde türkmen halkynyň akyldary, beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanyp ýurdumyzda we daşary ýurtlarda köpsanly medeni çäreler geçirilýär. Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde 2024-nji ýylyň «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi hem akyldar şahyra goýulýan belent sarpadan nyşandyr.

Akyldar şahyryň pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp eserleri, juda köptaraply temalar boýunça ýazan şygyrlaryndaky parasatly pikirleri hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemekde möhüm ähmiýete eýedir. Şahyryň döredijiliginde ynsanda belent ahlak sypatlary terbiýelemek meselesine uly orun berilýär. Beýik şahyr şygyrlarynda türkmen halkynyň ruhy-ahlak ýörelgelerini, ynsanperwerlik, adalatlylyk ýaly belent sypatlaryny wagyz edipdir. Onuň umman ýaly giň we çuň, köptaraply, ideýa-mazmuna baý döredijiliginde türkmen halkynyň däbine, dessuryna, ruhy ýörelgesine öwrülen, watançylyk, halallyk, agzybirlik, arassa ahlaklylyk, edeplilik, sabyr-kanagatlylyk, adyllyk, pespällik baradaky öwüt-nesihatlara ýugrulan goşgulary esasy orny eýeleýär.

**Orazguly ANNAÝEW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň talyby.*

# ZEMINE ZYNAT, GÜÝZÜM!

Türkmen topragyna rysgal-berekediň nuruny saçyp altyn güýz geldi. Bu ýyl aýdymlarda-goşgularda waspy ýetirilen güýzüň türkmeniň sahawatly topragyna gelşi has-da üýtgeşik. Onuň goja Zeminiň gapysyndan ätläp, mübärek gadamy bilen bol hasylly meýdanlary, ynsanyň bagtyna deňelýän ak pagtany, gözüň ýagyny iýip barýan näz-nygmatlary boldan getirişi kalplara ganat, Zemine zynat berýär. Ynha, düzüm-düzüm bolup, gök asmany gulaçlap durnalar geçer. Olaryň topar tutup uçup, gykuwlaşyp baryşlary hem üýtgeşik. Olaryň seslerinde aýralygyň däl-de, ýene-de gaýdyp geljekdikleriniň hoş owazy ýaňlanýan ýalydyr.

Hawa, eneleriň ýyly mährine meňzeş yssy çogy bilen üç aýlap ene Ýeriň gerşini gyzdyran tomus, öz ornuny sary güýze berdi. Binýady halallykdan berkarar bolan türkmen Diýarymyzda toý-baýramlara baý güýz paslynyň orny aýratyn üýtgeşik. Şu pursatlarda zerbap güýzüň goýnuny altyn monjuk bilen bezejek ýakymly wakalar göz öňümizde janlanýar.

Bu pasylda halkymyz bir-birine sepleşip gidýän seneleri – Bilimler we talyp ýaşlar gününi, Jeýhun bilen bahry-Hazar arasynda ýaşaýan külli türkmen iliniň toýlaýan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly toýuny, güýzüň örküji oktýabr aýynyň 1-ine Ýaşulularyň Halkara gününi, güýzüň ahyrky aýy bolan noýabryň ikinji ýekşenbesinde bolsa, Hasyl toýuny bellär.

Halkymyzda «Jüýjäni güýz sanaşarlar» diýen nakyl hem bar. Bu söz güýz gelende hasyl ýygnalýandygy üçin aýdylýar. Bu barada Gahryman Arkadagymyz «Döwlet guşy» romanynda şeýle belleýär: «Güýz – hasaplaşyk möwsümi. Seniň kimdigiň mizana münýän döwri». Baglaryň şahalarynda bulduraşyp duran almadyr narlaryň, Günüň ýiti şöhlesini siňdirip ýetişen salkym-salkym üzümleriň, gök önümleriň, içine bal atylan ýaly gawun-garpyzlaryň bol hasyly, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän pagta meýdanlarynda ak patrak bolup açylan pagta güýzde ýygnalýar. «Ak kerwenler» dili senaly ýaşulularymyzyň ak patasyny alyp ýola düşýärler. Şonuň üçin bu döwürde topraga tagzym edip, ýere yhlas eden daýhanyň hem, gyşyň çapgyn sowugyna, tomsuň jöwzaly yssysyna döz gelip, malyny haly hasaplaýan maldaryň hem azaby ýerine gowuşsyn diýesiň gelýär.

Güýz paslynda daş-töwerekdäki agaçlar egnine sary donuny geýip, gözelligi bilen hemmäni haýrana goýýar. Ýeriň ýüzünde agaçlaryň altyn ýapraklary ýazylyp ýatyr. Bu görnüşler misli asmandan altyn bölejikleri ýagýan ýaly täsirli pursady emele getirýär.

Tylla şelpeli güýzüm, seniň erkiňe-görküňe maýyl kalbym geleniňe ganat ýaýdy. Çünki, men seniň goýnuňda bu ýagty jahana indim. Şonuň üçin bolsa gerek, sen hakda oýlananymda kalbymda süýji duýgy, joşgun emele gelýär. Daş-töweregiň gözelliklerini synlap, güýzüň owadanlygyny duýup, mymyk şemalyň astynda gezelenç etmek bolsa, iň halaýan zadym. Ýere gaçan ýapraklaryň üstünden ýöremek has ýakymly. Olaryň şykyrdaýan sesleri edil sazandanyň çalýan sazlaryna meňzeýär.



Altyn güýzüm! Sen hakynda oýlananyňda türkmen edebiýatynda «Güýzüň şahyry» diýip at alan Gurbannazar Ezizow biygtyýar ýadyňa düşýär.

***Syr alyp, syr berişýän***
***Söwer dostuma meňzäp,***
***Kakdyň ýene gapymy,***
***Meniň paýhasly güýzüm***

– diýýän şahyryň «Güýz», «Durnalar», «Durna», «Aýralyk pasly», «Güýz gijesi», «Güýz bilen söhbet», «Söýýän güýz paslyny» goşgulary, «Güýz» sonetler çemeni şahyryň edebiýat meýdanynda goýan ruhy hazynasydyr.

Tylla güýzüm, sen türkmen halkyna iň beýik bagty – Garaşsyzlygy bagyşladyň. Garaşsyzlygyň nurly güneşi göwünlerimizi ýyladyp ugraly bäri sen indi otuz ikinji gezek Diýarymyza myhman bolýarsyň. Uly işleriň başyna maslahatly barmagy ýörelge edinen türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ähli başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda baş baýramymyzyň bosagasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçiriler. Döwletli maslahatda türkmen halkynyň bagtyýar geljeginiň şanyna beýik işleriň täze tapgyrynyň başy başlanar. Ol beýik işler türkmeniň adyny dünýäniň taryhyna altyn harplar bilen ýazar.

Ýazy güllere, güýzi hasyla beslenen Garaşsyz Diýarymyza hemişe belent ösüşler ýaran bolsun! Goý, hemişe ajaýyp pasyllar içinde, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza guwanyp, türkmen topragyna rysgal-bereket bilen gelen ajaýyp pasyllary şatlyk bilen garşylap, bagtly ömür sürmek, toý toýlamak her birimize miýesser etsin.

**Jumagül HOJAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň pudaklar boýunça utgaşdyryjysy, Türkmenistanyň ussat mugallymy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde

► **Tailandyň täze Premýer-ministri.** «Phya Thai» (Tailand üçin) partiýasyndan



Settha Thawisin parlamentiň aşaky palatasynyň we senatynyň bilelikde ses bermeginde Tailandyň täze Premýer-ministri wezipesine saýlandy. Ol parlament mejlisinde Premýer-ministrlige hödürlenen ýeke-täk dalaşgär boldy.

► **Kosmonawtika güni yglan edildi.** Hindistan 23-nji awgusty – «Çandraýan-3» missiýasynyň modulynyň Aýa gonan gününi



Milli kosmonawtika güni diýip yglan etdi. Bu barada Respublikanyň Premýer-ministri Narendra Modi habar berdi. Modi zenanlaryň hem Hindistanyň kosmos maksatnamasyna gatnaşmagynyň möhümdigini belledi.

► **Indi Güni öwrenmekçi.** Hindistan 2-nji sentýabrda Güni öwrenmek maksady bilen ilkinji kosmos stansiýasy «Aditya-L1»-i



uçurar. «Aditya-L1» missiýasynyň esasy maksady Gün aýtymyny, hromosferany we dürli spektrlerde Günüň şöhle saçyşyny öwrenmekden ybaratdyr.

► **Ýöreýän balyk ýene-de göründi.** Seýrek duşýan ýöreýän balyk aradan 25 ýyly geçirip,



Awstraliýanyň günorta-gündogarynda ýene-de peýda boldy. Adaty bolmadyk balyk ýüzgüçleri bilen ýöreýär. Öň olary iki gezek: 1986-njy we 1996-njy ýyllarda görüpdiler. Olaryň ýaşaýan ýeri we sany belli däl.

► **«Xiaomi»-niň täze awtoulagy.** Hytaýda «Xiaomi IT» kompaniýasy «XiaoPaoChe



SC-01» elektrik awtoulagyny görkezdi. Uzynlygy 4085 millimetre barabar sport ulagy batareýanyň bir gezekki zarýadynda, takmynan, 500 kilometr ýol geçip bilýär. Modeliň önümçiligine 2024-nji ýylyň ikinji ýarymynda başlanar.

► **Meneksiz žiraf dünýä indi.** ABŞ-nyň Tennessi ştatynyň «Brights» haýwanat bagynda



meneksiz žiraf dünýä indi. Boýy 183 santimetr bolan jandara at dakmak üçin ses berlişik yglan edildi. Ulanyjylar «Kipeki», «Firali», «Şakiri» we «Jamella» atlaryndan birini saýlap bilerler.

► **Ilkinji adamsypat uçarman robot.** Koreýa Respublikasynyň Ylym we tehnologiýalar institutynyň (KAIST) işläp düzüjileri dünýädäki



ilkinji adamsypat uçarman robot hödürlediler. PIBOT adyny alan bu robot uçarlardan başga-da, ýerüsti ulaglary hem dolandyryp bilýär diýip, işläp düzüjiler belleýär. Robot emeli aňyň kömegi bilen dolandyrylýar.

► **Uzyn guýrukly pişik.** ABŞ-da Altair atly pişik Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.



Hünärmenler bu jandaryň öý pişikleriniň arasynda iň uzyn guýruga eýedigini anykladylar. Ginnesiň rekordlar kitabynyň işgärleri amerikalynyň öýüne gelip, pişigiň guýrugynyň ölçegini aldylar. Altairiň guýrugynyň uzynlygy 41 santimetre golaý boldy.

► **«Oppo»-nyň täze enjamlary.** «Oppo»



kompaniýasy 29-njy awgustda Hytaýda täze «Find N3 Flip» eplenýän smartfonyny we «Watch 4 Pro» akylly sagadyny tanyşdyrdy. Eplenýän telefonyň we täze sagatlaryň Hytaýyň daşynda satylyp-satylmajagy barada heniz habar berilmedi.

► **Birbada dokuz çaga.** Kamerunyň ýaşaýjysy Antoniýa Madu Obianužu birbada dokuz çaga dogurdy. Antoniýa alty gyzyň we üç oglanyň ejesi boldy. Diňe ekizeklere garaşýan bu zenan üçin birbada dokuz çaganyň dünýä inmegi garaşylmadyk waka boldy. Antoniýanyň ozal iki çagasy bar. Olar 14 ýaşly ekizler - oglan we gyz.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ **1902-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Fransiýada Žorž Melesiň režissýorlyk eden Žýul Werniň eseri esasynda surata düşürilen dünýäde ilkinji «Aýa syýahat» (fr. «Le Voyage dans la Lune») ylmy-fantastiki filmi**



**ekrana çykdy. 21 minutlyk bu film režissýoryň iň meşhur eserleriniň birine öwrüldi.**

# Hindistanda G20 sammiti geçiriler

Şu ýylyň 9-10-njy sentýabry aralygynda G20 (Uly ýigrimilik) ýurtlarynyň her ýylda guralýan nobatdaky sammiti Hindistanyň Nýu-Deli şäherinde geçiriler. G20 sammitine yzygiderli gatnaşýan döwletlerden başga-da, birnäçe ýurduň wekilleri myhman hökmünde çagyrylýar. Sammitde G20 ýurtlarynyň döwlet Baştutanlarynyň we wekilleriniň gatnaşmagyndaky esasy çäreler guralar. Resmi wekiliýetler Nýu-Delä gelensoň, maslahatlaryň birnäçesi öz işine başlar. Bu maslahat geçen ýyl Bali (Indoneziýa) adasynda geçirildi. G20-niň indiki maslahatyny 2024-nji ýylda Braziliýada geçirmek meýilleşdirilýär.

Şu ýylky sammite wekilçilik etjek G20-niň esasy agzalary şulardan ybarat: Argentina, Awstraliýa, Braziliýa, Kanada, Hytaý, Fransiýa, Germaniýa, Hindistan, Indoneziýa, Italiýa, Ýaponiýa, Meksika, Koreýa Respublikasy, Russiýa, Saud Arabystany, Günorta Afrika Respublikasy, Türkiýe, Beýik Britaniýa, ABŞ, Ýewropa Bileleşigi (Ýewropa Geňeşiniň başlygy tarapyndan wekilçilik edilýär).

Her ýyl myhman hökmünde G20 sammitine gatnaşmaga çagyrylýan ýurtlaryň sanawy öňünden tassyklanýar. Şu ýyl sammite Bangladeş, Müsür, Mawrikiý, Niderlandlar, Nigeriýa, Oman, Singapur, Ispaniýa we BAE ýaly ýurtlaryň wekilleri çagyryldy.




Sammitiň ýokary derejesini göz öňünde tutup, oňa gatnaşyjylaryň hemmesine, adatça, döwlet Baştutanlary wekilçilik edýär. Wekiliýetiň düzümine beýleki köp sanly ýokary wezipeli adamlar hem girýär.

G20 dünýä ilatynyň üçden iki bölegi bolan ýurtlary öz içine alýar. Olaryň paýyna dünýäniň jemi içerki önüminiň 85%-i, dünýä söwdasynyň bolsa 75%-i düşýär.

# Narendra Modiniň Gresiýa sapary

**Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi geçen hepdede Gresiýa resmi saparyny amala aşyryp, gresiýaly kärdeşi Kiriakos Misotakis bilen gepleşik geçirdi. Duşuşykdan soň Gresiýanyň Premýer-ministri iki ýurduň söwda, goranmak, howpsuzlyk, infrastruktura, bilim we medeniýet ugurlaryndaky hyzmatdaşlygynyň güýçlendiriljekdigini aýtdy.**



**Narendra Modi Hindistan bilen Gresiýanyň gatnaşyklarynyň derejesini strategik derejä çykarmak kararyna gelendigini aýtdy. Gresiýanyň habar beriş serişdeleriniň habaryna görä, Narendra Modi bilen iri işewürler topary Gresiýanyň Pireý portuny hindi eksportynda ulanmak mümkinçiligini öwrenmek üçin geldi. Beýik Britaniýa Ýewropa Bileleşiginden çykansoň, Hindistan öz önümlerini ýerlemek üçin alternatiw ugurlary göz öňünde tutýar.**

**Iki ýurduň metbugaty tarapyndan taryhy waka hökmünde ýokary baha berlen Narendra Modiniň sapary Hindistanyň Premýer-ministriniň soňky 40 ýylda Gresiýa eden ilkinji resmi sapary boldy.**

# BRIKS-e alty sany täze ýurt goşular

Argentina, Müsür, Eýran, BAE, Saud Arabystany we Efiopiýa 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan BRIKS-e goşular. Bu barada Günorta Afrika Respublikasynyň Prezidenti Siril Ramafosa, BRIKS-iň 15-nji sammitinden soň geçirilen metbugat ýygnagynda aýtdy.



– Argentina Respublikasyny, Müsür Arap Respublikasyny, Efiopiýa Federal Demokratik Respublikasyny, Eýran Yslam Respublikasyny, Saud Arabystany Patyşalygyny we Birleşen Arap Emirliklerini BRIKS-iň doly agzasy bolmaga çagyrmak barada karara geldik. Agzalyk 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär – diýip, Günorta Afrika Respublikasynyň lideri aýtdy. Onuň sözlerine görä, BRIKS giňelmegiň bir tapgyry bilen çäklenmez.

Şeýle hem BRIKS ýurtlarynyň ýolbaşçylary «Ýohannesburg-2» diýlip atlandyrylan birleşigiň 15-nji sammitiniň jarnamasyny kabul etdiler. Bu barada Günorta Afrika Respublikasynyň Prezidenti Siril Ramafosa mälim etdi. Ol BRIKS-iň dürli nukdaýnazarlary bolan hyzmatdaş ýurtlardan ybaratdygyny, ýöne has gowy dünýäni döretmek üçin umumy garaýyşlarynyň bardygyny belledi.

20-den gowrak ýurt BRIKS-e goşulmak üçin ýüz tutdy. Geljekki täze agzalaryň hatarynda Alžir we Indoneziýa hem bar. Toparyň täze agzalaryny saýlamagyň esasy ölçeglerinden biri, birleşigiň çäginde sebit deňagramlylygyny üpjün etjek geografiki faktordyr.

Birleşigiň ýurtlarynyň meýdany sekiz million inedördül kilometre çenli giňelip, Ýer togalagynyň üçden bir bölegini eýelär. Guramanyň agza döwletleriniň ilaty üç milliarddan geçýär. Maliýe nukdaýnazaryndan BRIKS dünýäniň jemi içerki önüminiň dörtden bir bölegini düzýär.

# RESPUBLIKAÇYLARYŇ ARASYNDA ÖŇDE BARÝAR

ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp 2024-nji ýyldaky saýlawlara gatnaşmak isleýändiklerini mälim eden respublikan dalaşgärlerden has öňde barýar. Muny «FiveThirtyEight» web saýty tarapyndan geçirilen pikir soralyşyklar subut edýär.

Barlaglaryň netijesine görä, öňde boljak Prezident saýlawlaryna dalaşgär hökmünde Trampyň dalaşgärligi partiýa agzalarynyň 53,8%-i tarapyndan makullanýar. Florida ştatynyň gubernatory Ron Desantis




15% bilen ikinji orny, telekeçi Wiwek Ramaswami 7,4% bilen üçünji orny eýeleýär. Ondan soň ABŞ-nyň öňki wise-prezidenti Maýk Pens 5,5%, Günorta Karolinanyň öňki gubernatory Nikki Heýli 3,7% gelýär.

Demokratlaryň arasynda hem şuňa meňzeş ýagdaýyň bardygy bellärliklidir. Ak Tamyň häzirki Baştutany Jozef Baýden hem demokratlaryň arasynda öňde barýar. Partiýa agzalarynyň 64,9%-i ony goldaýar. Ikinji orunda uly aralyk bilen Robert Kennedi kiçi gelip, onuň reýtingi bary-ýogy 14,3%.

# Ähli mekdeplerinde hytaý dili öwrediler

Saud Arabystanynyň Bilim ministrligi Patyşalygyň ähli hususy we döwlet mekdeplerine hytaý dilini öwrenmek boýunça maksatnamany girizmegi tabşyrdy. Bu barada «Saudi Gazette» habar berdi.

Ministrligiň maglumatlaryna görä, Saud Arabystanynyň mekdeplerinde hytaý dili sapaklaryny girizmek baradaky karar, Patyşalygyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saudyň Hytaýa amala aşyran sapary wagtynda kabul edildi. Şazadanyň sapary wagtynda iki ýurduň ýolbaşçylary hytaý dilini Patyşalygyň mekdepleriniň we uniwersitetleriniň ählisiniň okuw meýilnamalaryna goşmak baradaky maksatnamany işläp düzmek barada ylalaşdylar.

Saud Arabystanynyň Bilim ministrliginiň görkezmesine görä, ýurduň mekdeplerinde her ýekşenbe we duşenbe günlerinde dördünji sapak hytaý dilini öwrenmäge bagyşlanmalydyr. Gazetiň habaryna görä, tutuş Patyşalykdaky bilim edaralary ýöriteleşdirilen synplaryň çäginde orta mekdebiň ikinji synp okuwçylary üçin hytaý dili maksatnamasyny durmuşa geçirmäge taýýarlanýar.

Soňky ýyllarda Hytaý we Saud Arabystany dürli ugurlarda, esasan hem, ykdysadyýetde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýärler. 2019-njy ýylyň fewralynda Saud



Arabystanynyň mirasdüşer şazadasy Pekine bardy, 2022-nji ýylyň dekabrynda bolsa, Hytaýyň Başlygy Si Szinpin Patyşalyga saparyny amala aşyryp, onuň barşynda taraplar strategik hyzmatdaşlyk şertnamasyny baglaşdylar.

# IKINJI MÖHLETE SAÝLANDY

**Zimbabweniň häzirki Prezidenti Emmerson Mnangagwa ýurtda geçirilen Prezident saýlawlarynda ikinji möhlete gaýtadan saýlandy. Bu barada saýlaw toparynyň başlygy Prissilla Çigumba mälim etdi.**



**Onuň sözlerine görä, 23-24-nji awgustda geçirilen Prezident saýlawlarynda E. Mnangagwa 2,35 milliondan gowrak ýagny 52,6% ses bilen ýeňiş gazandy. Onuň esasy bäsdeşi, «Özgerişlik üçin raýat bileleşigi» partiýasynyň lideri Nelson Çamis 1,967 milliondan gowrak ýagny 44% sese eýe boldy. Saýlawlaryň netijesinde, E. Mnangagwa sesleriň ýarysyndan gowragyna eýe bolup, resmi taýdan Zimbabweniň Prezidenti wezipesine saýlandy.**

**Ýurduň kanunlaryna görä, Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda sesleriň 50 göteriminden gowragyny alan ýeňiji bolýar. Dalaşgärleriň hiç biri sesleriň 50 göteriminden gowragyny almasa, birinji tapgyrda iň köp ses alan iki dalaşgär ikinji tapgyra çykýar.**

**E. Mnangagwa 2017-nji ýylyň noýabr aýynda Zimbabweniň Prezidenti wezipesine girişip, 2018-nji ýylyň 30-njy iýulynda geçirilen Prezident saýlawlarynda bäş ýyllyk möhlete üstünlikli saýlandy.**

# Logistika merkezlerini gurmakçy

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saud 27-nji awgustda Patyşalygy global logistika merkezine öwürmäge mümkinçilik berjek 50-den gowrak logistika merkezini gurmak meýilnamasyny mälim etdi.

Saud Arabystanynyň metbugat gullugy ýurduň logistika pudagy üçin infrastrukturany ösdürmegi, ýerli ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmegi we öňdebaryjy maýa goýum merkezi hökmünde Patyşalygyň derejesini ýokarlandyrmagy maksat edinýändigini aýtdy.

Meýilnama umumy meýdany 100 inedördül kilometrden gowrak 59 merkeziň gurluşygyny göz öňünde tutýar. 12 merkez Er-Riýadda, 12-si Mekgede, 17-si Aş-Şarkiýa welaýatynda, 18-si Patyşalygyň beýleki ýerlerinde gurlar.

Agentlik 2030-njy ýyla çenli gurulmagy meýilleşdirilýän merkezleriň ýerli kärhanalara Saud



Arabystanynyň önümlerini ýokary netijelilik bilen eksport etmegine hem-de ýurduň logistika we paýlaýyş merkezleriniň arasynda çalt aragatnaşygy üpjün edip, elektron söwdany ösdürmäge mümkinçilik berjekdigini aýtdy.

# TÄZE PREMÝER-MINISTR HÖKMÜNDE TASSYKLANDY

Kambojanyň Milli assambleýasy (parlamentiň aşaky palatasy) iýul aýynyň ahyrynda geçirilen ählumumy saýlawlarda dolandyryjy Kamboja Halk partiýasynyň gazanan ynamly ýeňşinden soň, Hun Maneti bäş ýyllyk möhlet bilen Premýer-ministr wezipesine belledi. Bu barada Kambojanyň Milli telewideniýesi (TVK) habar berdi. Milli assambleýanyň 123 töweregi agzasy täze Premýer-ministr Hun Maneta biragyzdan ses berdi.

Ýurduň Milli assambleýasynyň düzümine 125 deputat girýär, olaryň 120-si Kamboja Halk Partiýasyna wekilçilik edýär, bäşisi Garaşsyz, bitarap, parahatçylykly we hyzmatdaşlyk edýän Kamboja (FUNCINPEC) Milli bileleşigine girýär.

Mundan öň, 38 ýyldan gowrak wagt bäri Premýer-ministr wezipesinde işlän Hun Sen wezipesinden çekiljekdigini we bu wezipäni uly ogly Hun Manete tabşyrjakdygyny mälim edipdi. Şeýle-de bolsa, 70 ýaşly lider indiki



ýyl 25-nji fewralda geçiriljek saýlawlardan soň KHP-niň başlygy wezipesinde galjakdygyny, şeýle-de Senata (parlamentiň ýokarky palatasy) ýolbaşçylyk etjekdigini aýtdy.



# TOTO KUTUNÝO ARADAN ÇYKDY

22-nji awgustda meşhur italýan aýdymçysy we kompozitory Toto Kutunýo 80 ýaşynyň içinde Milanyň «San Raffaele» hassahanasynda aradan çykdy. Ol uzaga çeken agyr keselden soň hassahana ýerleşdirilipdi. Aýdymçynyň ýagdaýy soňky aýlarda has-da agyrlaşypdy. Meşhur aýdymçy «L'italiano» aýdymy bilen bütin dünýäde tanalýar.

2015-nji ýylda Toto Kutunýo Aşgabatda konsert berdi. Şonda ussat aýdymçy iň gowy aýdymlaryny hödürledi. Toto Kutunýonyň deňi-taýy bolmadyk sesi, harizmasy, aýdymlarynyň janlylygy we romantikasy aýdymçynyň Italiýada hem-de dünýäniň beýleki ýerlerinde hakyky rowaýata öwrülmegine mümkinçilik berdi.

Ol Jo Dasseniň meşhur aýdymlarynyň awtorlarynyň biridir. Şeýle hem Toto Kutunýonyň ýazan sazlary Adriano Çelentano, Mireý Matýe, «Ricchi e Poveri» topary we beýlekileriň repertuarynda ýaňlandy. 1980-nji ýylda Toto Kutunýo, «Solo noi» aýdymy bilen San-Remo festiwalynda ýeňiji bolup, Italiýada super ýyldyz boldy. Şeýle hem ol 1990-njy ýylda Zagrebde geçirilen Ýewrowideniýe aýdym-saz bäsleşiginiň ýeňijisidir.

Toto Kutunýo 1943-nji ýylyň 7-nji iýulynda Italiýanyň Toskana sebitiniň Fozdinowo kommunasynda dünýä inýär. Ol 19 ýaşyna çenli ýerli toparlarda deprekçi bolup çykyş edýär. 1966-njy ýylda Toto özüniň «Toto e i Tati» toparyny döredýär. Ol Italiýada döreden aýdymlary bilen çykyş edip, uly üstünlik gazanýar. Toto 1967-nji ýylda geljekki aýaly Karla bilen tanyşýar. Totonyň Niko atly ogly bar. 1981-nji ýyldan 1986-njy ýyla çenli iň köp satylan «L'italiano» albomy Toto Kutunýo uly abraý getirýär. Häzir onuň maşgalasy Portofino şäherinde ýaşaýar.

# «iPhone 15» ONLAÝN GÖRNÜŞDE HÖDÜRLENER

**«Bloomberg»-iň metbugat wekili Mark Gurman şu ýylyň sentýabrynda «iPhone 15» smartfonynyň tanyşdyrylyş dabarasynyň onlaýn görnüşde guraljakdygyny habar berdi. Oňa tomaşa etmäge «Apple» öz baş edarasyna köp sanly žurnalistleri we blogerleri çagyryp, täze modellerini görkezer.**

**Geçen ýyl «iPhone 14» smartfonynyň bildirişi hem şeýle görnüşde geçirilipdi. Gurman tanyşdyrylyş dabarasynyň 12-nji sentýabrda geçiriljekdigini, ýöne senäniň üýtgäp biljekdigini hem belledi.**



**Bilermenleriň maglumatlaryna görä, «iPhone 15 Pro»-nyň bahasy «iPhone 14 Pro» bilen deňeşdirilende, 100 dollar – 999 dollardan 1099 dollara çenli ýokarlanyp biler. «iPhone 15 Pro Max» bolsa, ýene 100 dollar gymmat düşer.**

**«9to5Mac» neşiri «iPhone 15» üçin deslapky sargytlaryň 15-nji sentýabrda başlamagyna, resmi satuwa çykaryşyň bolsa 22-nji sentýabrda başlamagyna garaşýar. Anyk maglumatlar tanyşdyrylyş dabarasynyň dowamynda kompaniýanyň wekilleri tarapyndan mälim ediler.**

# GÜÝZDE GEÇIRILÝÄN GYZYKLY BAÝRAMÇYLYKLAR

**Her paslyň özüne mahsus tebigy aýratynlyklarynyň bolşy ýaly, güýz pasly hem salkyn howasy bilen adamlara ruhy taýdan lezzet berýär. Güýz pikirleriň durlanýan, tebigatyň agras keşbe geçýän möwsümi hasaplanýar. «Zähmet soňy – rehnet» diýlişi ýaly, bu pasylda daýhanlar hasyl ýygnamak bilen meşgul bolýarlar. Irki döwürlerde güýz pasly daýhanlaryň dynç alşa çykýan möwsümi hasaplanypdyr. Şol sebäpli güýz aýlarynda daýhanlara bagyşlanan birnäçe baýramçylyklar guralypdyr. Häzirki wagtda hem dünýäniň ähli ýerinde diýen ýaly güýzki güýmenjeler geçirilýär. Geliň, olaryň käbiri bilen tanyş bolalyň!**



**Şokolad baýramçylygy, Italiýa.** Süýjülikleri halaýanlar üçin iň gowy baýramçylyklaryň biri hem Italiýanyň Turin şäherinde geçirilýän şokolad festiwalydyr. 2004-nji ýyldan bäri noýabr aýynda geçirilip gelinýän bu festiwalda Italiýadan we beýleki ýurtlardan gelen 120-den gowrak şokolad öndürijiler öz önümlerini köpçülige hödürleýärler. Olaryň arasynda şokoladyň «gianduja», «gianduiotto», «bicerin», «nutella», «nocciolato fondente», «latte» we «Odilla» ýaly birnäçe görnüşleri bar. Şokoladly tagamlardan dadyp görmek, konsertlere tomaşa etmek we baýrakly şokolad oýunlary festiwalyň esasy wakalarydyr. 1820-nji ýyla çenli şokolad diňe gyzgyn içimlik görnüşinde ulanylypdyr. Az wagtdan soň, Turinde ilkinji gaty şokolad öndürilýär we dünýäniň beýleki ýurtlaryna ýaýrap başlaýar. Turin köp görnüşli «şokoladlaryň şäheri» hasaplanýar.



**«Albukerke» şar baýramçylygy, Meksika.** Iň gyzykly güýmenjeleriň biri hem «Albukerke» şar festiwalydyr. Bu festiwal her ýyl oktýabr aýynyň ilkinji on günlüginde Meksikanyň paýtagty Mehikoda bellenilip geçilýär. Bu baýramçylyga gatnaşmak üçin ýerli ýaşaýjylar bilen bir hatarda dünýäniň dürli künjeginden myhmanlar hem gelýär. Hepdäniň dowamynda müňlerçe howa şary «Balloon Fiesta» seýilgähinden ýokary göterilýär. Bu pursat asmanyň ýüzüni owadan we täsirli görnüş gurşap alýar. Hemme kişi bu täsirli pursatlara seredip lezzet alýar.



**Halkara feýerwerk baýramçylygy, Koreýa Respublikasy.** Gün ýaşandan soň başlanýan Halkara feýerwerk baýramçylygy sazlaşykly öwüşginleri bilen hemmäniň ünsüni özüne çekýär. Bu baýramçylyk 2000-nji ýyldan bäri ýurduň paýtagt şäheri Seulda 8-9-njy oktýabrda geçirilip gelinýär. Festiwalyň esasy meýdançasy bolan «Yeouido» seýilgähinde dürli ýurtlardan gelen pirotehniki toparlar öz başarnyklaryny görkezýärler. Bu festiwala her ýyl, takmynan, 1 million adam gatnaşýar.



**Ýagtylyk baýramçylygy, Germaniýa.** 2005-nji ýyldan bäri Germaniýanyň paýtagty Berlinde bellenip gelinýän ýagtylyk festiwaly dünýäniň meşhur festiwallarynyň biridir. Her ýylyň oktýabr aýynda iki hepdäniň dowamynda Berliniň 70-e golaý taryhy we medeni ýadygärlikleri dürli yşykly enjamlar bilen bezelýär. Millionlarça şöhle çar-töwerege ýalkym saçyp, meýdançalarda «jadyly pursatlary» döredýär. Baýramçylyk möwsüminde şäheriň gijeki görnüşi döredijilik adamlarynyň ylham çeşmesine öwrülýär.



## GÜLMEK – ÖMÜRDEN

Durmuşda duş gelýän kynçylyklary ýylgyryp ýeňip geçmegiň psihologik taýdan asudalygy saklamakda ähmiýetiniň uludygy bellenilýär. Adamyň psihologik sagdynlygyna öz-özüňe bolan ynam, başarnyklar, zehinli döredijilik, özüňe erk etmek degişli bolup, käbir ýüze çykýan kynçylyklarda bu alamatlar bozulýar. Bilermenler dartgynly ýagdaýlarda özüňi ele alyp, ýakynlaryň bilen derdiňi paýlaşmagyň, degişmegiň we gülmegiň adam saglygyna oňyn täsir edýändigini belleýärler. Gaharlanylan pursadynda gülmegiň kyndygyna garamazdan, gülki beýnini rahatlandyrýar. Degişmeleri okamak, filmlere tomaşa etmek, çagalar bilen wagt geçirmek arkaly şadyýanlykda dynç almak toplanan nerw energiýasyny boşatmaga ýardam edýär.

Endorfin beýnide we nerw ulgamynda bölünip çykýan gormon bolup, bedene psihologik taýdan täsir edýär. Adam gülende tebigy ýagdaýda endorfin öndürýär. Bu madda adamyň özüni gowy duýmagyny hem-de şadyýan bolmagyny üpjün edýär. Gülmek zynjyr görnüşindäki baglanyşygy döredip, adamlaryň arasyndaky bagtyýarlygy, rahatlyk duýgusyny ösdürýär. Adam gülende myşsalar rahatlanýar, bedendäki dartgynlylyk azalýar, şeýle aň aladalardan we pikirlerden daşlaşýar. Geçirilen barlaglarda degişmäniň we gülkiniň gan basyşyny, ýürek urşuny, dem alyş ulgamyny kadalaşdyrýandygy, agyry duýgusyny azaldýandygy ýüze çykaryldy. Endorfinleriň dowamly bölünip çykmagy adamyň özüni bagtly duýmagyna ýardam edip, durmuşa bolan kanagatlanmasyny artdyrýar. Bilermenler käbir degişmeleriň çendenaşa bolan ýagdaýynda adamyň gaharjaňlygyny artdyrýandygy üçin daş-töweregiňe hormat goýmalydygyny, diýýän sözleriňe we edýän hereketleriňe üns bermelidigini belleýärler. Şeýle hem birek-biregi goldamagy we ruhlandyrmaga çalyşmalydygyny maslahat berýärler.

## Sentýabr barada...

**Köpleriň iň halaýan aýlarynyň biri-de sentýabr bolsa gerek. Sentýabr güýz paslynyň başlangyjy, howanyň salkynlaýan möwsümi, hasyllaryň ýygnalýan döwri, täze okuw ýylynyň başlanýan aýydyr. Irki döwürlerden bäri sentýabr aýy barada dürlüçe garaýyşlar bolup, olar baradaky gyzykly maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirmegi makul bildik.**

- Demirgazyk ýarym şara güýz pasly (sentýabr) gelende, Günorta ýarym şarda ýaz pasly başlanýar. Ýagny bizde agaçlaryň ýapraklary saralyp, dökülip ugraýan möwsüminde, Günorta ýarym şarda sentýabr aýynda agaçlar ýapraklap, gülläp başlaýar.
- Dünýä ýurtlarynyň käbirinde sentýabr aýy ýylyň başlangyjy hasaplanýar. Munuň sebäbi çagalaryň tomusky dynç alyş möwsüminden soň, täze okuw ýylyna başlaýandyklary bilen düşündirilýär.
- Sentýabr sözi latynça «septem» sözünden gelip çykyp, «ýedi» diýmegi aňladýar. Gadymy senenamalarda mart aýy ýylyň birinji aýy bolup, sentýabr aýy ýedinji aý hasaplanypdyr. Ýanwar we fewral aýlarynyň ýyl senenamasyna goşulyp üýtgedilmegi bilen, sentýabr (7-nji aý) dokuzynjy aýa öwrülýär.




- Ilkibaşda sentýabr aýynda 29 gün bolupdyr. Häzirki wagtda senenama ýyl hasabynyň dokuzynjy aýy 30 günden ybarat.
- Dünýäniň köp ýurdunda sentýabr «hasyl aýy» ady bilen tanalýar.
- Sentýabr aýynyň 22-23-ine gije bilen gündiz deňleşýär. Ýagny Gün ekwatoryň göni üstünde bolýar. Demirgazyk ýarym şarda gije, Günorta ýarym şarda gündiz (bahar pasly) uzalyp başlaýar.
- Sentýabr aýynda Ýer ýüzünde Bütindünýä ýazuw güni, Halkara sowatlylyk güni, Halkara parahatçylyk güni, Bütindünýä terjimeçiler güni, Bütindünýä sudoku güni, Bütindünýä deňiz güni ýaly birnäçe baýramçylyklar bellenilýär.

## ÇAGALAR

**✓ Ilkinji galam palçygyň we grafitiň garyndysynyň iki taýajygyň arasyna ýerleşdirilmegi arkaly ýasalypdyr.**



## GALAMYŇ taryhyndan

Häzirki wagtda kompýuterde we smartfonlarda ýazmak üçin uly mümkinçilikler bar hem bolsa, el bilen ýazmagyň ornuny tutup biljek zat ýokdur. Sebäbi çaga ilkinji gezek eline galam alanynda, ylym dünýäsine birinji ädimini ädýär. Aslynda, körpeler ilkibaşda ýazyp başlanlarynda haýsydyr bir zadyň suratyny çekmäge synanyşýarlar. Ýazmak olaryň el hereketleriniň, ukyplarynyň ösmegine hem ýardam edýär.

**Eýsem, dürli suratlary çekmäge ýardam edýän galamlar haçandan bäri peýdalanylýarka?!**

Galamyň ilkinji nusgasy 1775-nji ýylda fransuz oýlap tapyjysy Nikola Žak Konte tarapyndan ýasalýar. Ilkinji galam palçygyň we grafitiň garyndysynyň iki taýajygyň arasyna ýerleşdirilmegi arkaly ýasalypdyr. Ol 1795-nji ýylda bu ugurda patent alandan soňra öz adyny göterýän galam öndürýän fabrigiň düýbüni tutýar. Esasan, surat çekmekde ulanylýan we adaty galamlardan has ýogyn bolan bu galamlar «Konte» diýlip atlandyrylýar we birnäçe ýyllap öndürilýär.

Muňa garamazdan, galam baradaky maglumatlara has irki çeşmelerde hem duş gelmek bolýar. 1565-nji ýylda şweýsar alymy Konrad Gesneriň ýazgylarynda galam barada bellenip geçilýär. XVI asyryň başlarynda grafitiň özi dürli zatlary bellik etmek üçin peýdalanylypdyr. Ilkinji galamlar bu maddanyň üwelip, içi oýulan tagtanyň içine ýerleşdirilmegi bilen has kämilleşipdir. Onuň içine başga maddalaryň goşulmagy bilen ýazmak üçin peýdalanylýan bu gurallar ulanmaga has amatly bolupdyr. Galamy kämilleşdirmek üçin dürli ýerlerde dürli işler ýerine ýetirilipdir. Mysal üçin, Trinidad we Tobagoda ýaşaýan neçjarlar Simonio we Lindiana Bernakottiler öz ýasaýan önümleriniň agaç böleklerine bellik etmek üçin häzirkilere meňzeş, arça agajyndan ýasalan galamlardan peýdalanypdyrlar.

Adatça galamlaryň daşy agaçdan ýasalyp, az mukdarda hem bolsa, plastmassa we beýleki materiallardan hem öndürilýär. Ýokarsy bozguçly galam 1858-nji ýylda amerikaly Haýman Lipman tarapyndan ýasalýar. Häzirki wagtda galamlar grafit, toýun we beýleki zatlar goşulyp, oýulan agaç bölejikleriniň arasyna ýerleşdirilmegi bilen taýýarlanýar.




**Güýz paslynyň gelmegi bilen gündiz gysgalyp, gije uzap başlaýar. Wagtal-wagtal ýagyn ýagyp, howa biraz sowaýar. Hasyl ýygnalýan möwsüm bolan bu pasylda birnäçe tebigy üýtgeşmeler bolup geçýär. Şolaryň hataryna ýapraklaryň saralmagyny hem goşup bileris. Eýsem, ýaşyl ýapraklaryň saralmagy näme bilen baglyka?!**

Tebigatyň sary dona bürenmegi ýapragyň düzümindäki hlorofil atly madda bilen baglydyr. Hlorofil ýagtylygy özüne siňdirip, ýapraklaryň reňkli görünmegini üpjün edýär. Güýz paslynda Günden gelýän şöhläniň peselmegi bilen hlorofiliň önümçiligi hem peselýär. Ýaşyl reňki öndürmek üçin ýagtylyk ýetmeýär. Şol sebäpli hlorofiller açyk reňkleri – sary, çalymtyl, gyzgylt reňkleri öndürip başlaýarlar. Güýz paslynda ýapraklaryň «reňklenmegi» diňe bir agajyň görnüşine bagly bolman, eýsem, howanyň gyzgynlyk derejesine, ýagtylygyň düşüşine we topragyň çyglylygyna hem baglydyr. Şonuň üçin şol bir agajyň ýapragy her ýyl dürli reňkde üýtgäp biler. Käbir agaçlaryň ýapragy bolsa gyzarýar. Mysal üçin, Demirgazyk Amerikada has köp gabat gelýän klýon tokaýlary güýz paslynda owadan gyzyl manzary emele getirýär.

### ÝAPRAKLAR NÄME ÜÇIN DÜŞÝÄR?

Güýz paslynyň gelmegi bilen agaçlar köp mukdarda suw ýitirýärler. Agaçlar gyşda uka gidýändigi sebäpli özüne gerekli yzgary alyp bilmeýärler. Gyşdan öň agaçlaryň aglaba böleginiň ýapraklary düşýär. Ýapragyň tänen ýeri bolsa, mum gatlagy bilen örtülýär. Bu agaçlaryň sowukdan özüni goramagynyň bir görnüşidir. Suw damjalarynyň sowukda giňelýändigi sebäpli, ýapragyň öýjükleri ýarylýar we fotosintez üçin peýdasyz bolýar. Suwy ýapraga eltýän öýjükler ýapylýar hem-de ýapragyň sapajygy bilen ony saklaýan şahanyň arasynda boş gatlak (abssiýa) ösüp başlaýar. Abssiýa ýapraklaryň gezekli-gezegine «kesilip», ýere gaçmagyna hyzmat edýär. Ýuwaşjadan gaýyp düşýän ýapraklaryň emele getirýän owadan peýzažy güýz paslyna mahsus hadysalaryň biridir.



### SIZ HAÝSY AGAJY HALAÝAŇYZ?

Türkmen topragynda tut, çynar, leýlisaç, derek ýaly agaçlar bilen birlikde, akasiýa, arça agaçlarynyň dürli görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Agaçlaryň dürli görnüşleriniň ekilmegi ekologiýany gowulandyrmak bilen bir hatarda, şäherdir obalaryň gözelligine görk goşýar. Ýaz, tomus pasyllarynda salkyn saýasy bilen jana rahatlyk berýän agaçlar, güýz paslynda tyllaýy ýapraklara bezenip, adamyň ruhuny göterýär, tebigata bolan söýgüsini artdyrýar. Eýsem, siz sary dona bürenen tebigatda gezelenç etmegi halaýaňyzmy? Siziň iň gowy görýän agajyňyz haýsy? Belki-de, ony siziň özüňiz ekensiňiz? Siz ýapraklardan gerbariý ýasap, ýakynlaryňyza sowgat bermegi halaýaňyzmy?

## Zehin synagy

Sorag belgisiniň ýerinde haýsy san bolmaly?




Jogaby: üçburçlugyň ýokarsyndaky sandan aşakdan çep tarapdaky sany aýryp, sagdaky sana köpeldenimizde, ortadaky netije çykýar.

Iki çöpüň ýerini üýtgedip, iki sany gönüburçluk emele getiriň!

















### IŇ MÖHÜM YLYM

Bir gezek Antisfenden sorapdyrlar:
– Ylymlaryň haýsysy iň möhümi?
– Erbetligi taşlamagy öwredýän ylym – diýip, ol jogap beripdir.

### PROFESSOR WE KITAP

Bir gün jemgyýetçilik meseleleri sapagynda professor eline bir kitap alypdyr-da, talyplara garap şeýle diýipdir:
– Bu kitap gyzyl.
Talyplar geňirgenip, ýerli-ýerden:
– Ýok, ol gara – diýipdirler.
Professor bolsa, özüniňkini tutup:
– Ýok, bu gyzyl – diýipdir.
Talyplar ýene-de:
– Ýok, siz ýalňyşýaňyz, ol gyzyl däl – diýipdirler.
Professor kitaby beýlesine öwrüpdir, diňe şonda talyplar kitabyň arka sahabynyň gyzyldygyny bilip galypdyrlar.
Professor:
– Ýagdaýa garşyňdaky adamyň nukdaýnazaryndan seretmäge pursat bolýança, onuň ýalňyşýandygyny ýüzüne aýtmaň – diýip, kitaby stoluň üstünde goýupdyr.

### BILIM

Bir gün daýhanyň traktory döwlüpdir. Daýhanyň we goňşularynyň traktory bejermäge synanyşyklary netijesiz bolupdyr. Ol ahyry ussa çagyrmaly bolupdyr. Ussa traktory gözden geçiripdir, starterini barlapdyr, kapotyny açyp, hemme zady üns bilen synlapdyr. Soň bolsa, elindäki çekiç bilen motora bir gezek urupdyr welin, traktor işläp başlapdyr. Ussa muzduny soranda daýhanyň muňa girre gahary gelip:
– Sen bir gezek çekiçläp, ýüz rupiýa soraýaňmy? – diýende, ussa şeýle jogap beripdir:
– Gardaş, men bir gezek çekiçländigim üçin diňe bir rupiýa alýan, galan togsan dokuz rupiýany bolsa gerekli ýerine urup düzedendigim baradaky bilimim üçin alýaryn. Galyberse-de, men seniň wagtyňy tygşytladym.

*Terjime eden* **Nagma APBAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Murakami ýene-de öňde



Nobel hepdeligi, düzgüne görä, 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda geçiriler, ýöne bukmekerler eýýäm çaklamalaryny mälim edip başladylar.

Şeýlelikde, eýýäm edebiýat boýunça dünýäniň esasy baýragyna dalaşgärleriň sanawy «Nikerodds» web sahypasynda peýda boldy. Bukmeker sanawynda köp ýyl bäri öňdeligi eýeläp gelýän ýapon ýazyjysy Haruki Murakami lider bolup galdy.

Bukmekerleriň sanawynda ikinji orunda San Sýue lakamy bilen ýazýan hytaýly öňdebaryjy ýazyjy Den Sýaohua gelýär. Awstraliýaly prozaçy Jerald Marneýn ilkinji üçlügi düzýär.

2023-nji ýylyň edebiýat boýunça Nobel baýragynyň dalaşgärleriniň arasynda Tomas Pinçon, Margaret Etwud, özbek žurnalisti we ýazyjysy Hamid Ismailow we başgalar bar.

## Hekaýasyny ekranlaşdyrmaga rugsat berdi



Meşhur amerikan ýazyjysy Stiwen King «Elini uzatmaýan adam» atly hekaýasyna bolan hukugy Bütinrussiýa döwlet kinematografiýa institutynyň Özbegistandaky şahamçasynyň talyby Gülnara Iwanowa 1 dollara satdy. Gülnara bu hekaýanyň esasynda film surata düşürendigi barada RTVI teleýaýlymynda gürrüň berdi. Gülnara Iwanowanyň aýtmagyna görä, ol Kingiň ýaňy režissýorlyk işine başlanlara öz eserini ulanmaga rugsat berýän «Dollar Baby» maksatmasyna gatnaşypdyr.

Netijede, Gülnaranyň ekranlaşdyran filmi Malaýziýada geçirilen «Nitiin International Film Festival» kinofestiwalynda «Iň gowy triller» kategoriýasynda ýeňiji boldy. Şol çärede Gülnara «Student World Impact Film Festival» diplomyna eýe boldy. Stiwen Kingiň 1981-nji ýylda döreden bu eserinde eli degen her bir adamyň dünýäsini täzeleýändigi sebäpli, adamlar bilen el gysyşmakdan ýüz öwren Genri Brouer barada gürrüň berilýär.

# Paýhaslar

☑ Bilime goýulýan sermaýa hemişe köp girdeji getirýär.
***Benjamin Franklin***

☑ Bedeniň bagty saglykda, aňyň bagty bilimde bolýar.
***Fales Miletskiý***

☑ Bilimiň mukdary däl-de, hili möhümdir. Adam iň zerur zatlary bilmän, köp zady bilip başarýar.

☑ Bilmezlik aýyp we zyýanly däl. Her kim hemme zady bilip bilmeýär, ýöne bilmeýän zadyňy bilýän ýaly edip görkezjek bolmak aýyp we zyýanlydyr.
***L.N. Tolstoý***

☑ Hemme zady bilmegiň zerurlygy ýok, ýöne sen özüňe nämäniň gerekdigini, ony nireden we nädip tapmalydygyny bilmelisiň.
***G. Ford***

☑ Bilimde beýiklik we gözellik bar, bilim merjen hazynasyndan has gymmatlydyr. Bilimli adam hemişe zerurdyr.
***Abd ar-Razzak Samarkandi***

☑ Hereket bilimiň ýeke-täk ýoludyr.
***B. Şou***

☑ Bir adama bilimiň zerurdygyny subut etmek, ony görmegiň peýdalydygyna ynandyrmak ýalydyr.
***M. Gorkiý***

☑ Sabyr we yhlas etseňiz, ekilen bilim tohumlary hökman gowy gögeriş berer.
***Leonardo da Winçi***

☑ Bilimde diňe gowulyk bar, nadanlykda bolsa diňe erbetlik.

☑ Bilesigeliji bolsaňyz, bilimli bolarsyňyz.
***Sokrat***

☑ Bilim şeýle bir gymmatly zat welin, ony islendik çeşmeden öwrenmek aýyp däl.
***Abul-Faraj bin Harun***

☑ Kän zady däl-de, zerur zady bilýän paýhaslydyr.
***Monteskýo***

☑ Bilime bolan islegden has tebigy isleg ýok.
***Mişel de Monten***

☑ Biziň bilýänlerimiz çäklidir, bilmeýänlerimiz çäksizdir.
***Apuleý***

☑ Bilim – bu ýagtylyk we erkinlikdir. Adama bilimden başga erkinlik berýän güýç ýokdur.
***I. S. Turgenew***

☑ Ynsan diňe bilmeýän zatlaryndan gorkýar; bilim ähli gorkyny ýeňýär.
***W.G. Belinskiý***

# Seýrek kitap auksiona çykaryldy






**Iňlis ýazyjysy Joan Roulingiň goly goýlan «Garri Potter we jadygöýüň daşy» kitabynyň seýrek neşirlerinden biri Beýik Britaniýada auksiona çykaryldy. Söwdany guraýjylar onuň ahyrky bahasynyň 12 müň funt sterlinge ýetmegine garaşýarlar.**

**Bu ýerde gürrüň ýazyjynyň goly goýlan Garri Potter baradaky ilkinji romanynyň ýörite neşiri barada barýar. «Hansons» auksion öýüniň müdiriniň kömekçisi şeýle kitaplaryň bary-ýogy 15 sanydygyny we olaryň hiç haçan satuwa çykarylmandygyny aýdýar.**

**Auksionda hödürlenen nusga Glazgodan 26 ýaşly Karina Hauşine degişlidir. Ol kitaby 2012-nji ýylda «Bloomsbury» neşirýat öýüniň bäsleşiginde gazanypdyr. 2023-nji ýylda Hauşiniň öýünde ýangyn bolýar, ýöne kitaba zeper ýetmeýär. Bu kitap üçin 8-12 müň funt sterling tölenip bilner diýip, «The Telegraph» neşiri ýazýar. Neşiriň maglumatlaryna görä, auksion 5-nji sentýabrda geçiriler.**

## GOŞGULAR ÝYGYNDYSYNY NEŞIR ETDIRMEKÇI



Amerikan aktrisasy Megan Foks 7-nji noýabrda «Görmegeý ýigitler ajydäne bolýarlar» diýlip atlandyrylýan goşgular ýygyndysyny çykarar. Bu «Jenniferiň bedeni» filminiň ýyldyzynyň edebiýat meýdanynda awtor hökmünde ilkinji synanyşygy bolar. Foksuň bu kitabyny çap edýän neşirýat goşgular ýygyndysyna üýtgeşik eser hökmünde baha berýär.

Täze ýygyndy 80 sany goşgyny öz içine alar. Awtor olary özünde dymmaklyk sebäpli dörän nähoşlukdan halas bolmak üçin ýazandygyny belleýär. Aktrisa bütin ömründe syr saklap geçirendigini, onuň ýüküne indi bedeniniň tap getirip bilmeýändigini belleýär. Megan Foks goşgular ýygyndysynyň köplere bagtlylygyny we özboluşlylygyny yzyna gaýtarmaga ýardam eder diýip umyt edýär.

**Ogultäç MYRADOWA,** *Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B. Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň müdiri.*



**39-njy KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **1.** Towlam-towlam bolup hereket edýän tozanly ýel. **2.** Ýaşy bir çene baran zenana hormat üçin onuň adyndan soň getirilip aýdylýan söz. **3.** Örän uly suwly giňişlik. **4.** Ýuka ýaýylyp kesilen hamyr böleklerinden bişirilýän nahar. **5.** Çyg, yzgar. **6.** Howla oturdylýan, iki tarapa açylýan giň gapy. **9.** Ýurdumyzda bir welaýat. **10.** Hökümdar, şa. **12.** Göze görünmeýän zatlary has ulaldyp görkezýän çüýşeli optik enjam. **13.** Pişikler maşgalasyndan bolan, ujy gara, dik gulakly ýyrtyjy jandar. **17.** Galla we ş.m. zatlar saklanýan jaý. **18.** «... söz ýylany hinden çykarar» (nakyl). **22.** Tropik miwe. **23.** Kitiň bir görnüşi. **24.** Bakja ekini. **25.** «... gara günde, gurbaga saz-söhbetde» (nakyl). **29.** Oglan ady. **30.** Rus ýazyjysy ... Çehow. **32.** «Ýumurdygym gyzylja, jüýjesiniň sany ýok» (matal). **33.** Balyk (köne söz).

● **KESELIGINE:** **7.** Owadan melewşe gülli otjumak ösümlik. **8.** Bir zadyň täsiri netijesinde ýüze çykýan gymyldy. **11.** Saz guraly. **14.** Şor suwly uly giňişlk. **15.** Ak reňklilik, ak reňkde bolmaklyk. **16.** Garyndaşlyk manysyny aňladýan söz. **19.** Ýurdumyzda bir şypahana. **20.** Olja, ýesir almak maksady bilen edilýän çozuş. **21.** Gazagystanyň paýtagty. **23.** Şatlykly waka, täzelik dogrusynda ilkinji gezek berilýän habar. **26.** Tropik miwe. **27.** Mal bakylýan otluk sähra. **28.** Çomujyň, gamşyň guran baldagy. **31.** Neşir edilýän kitaplar saklanýan we köpçülik üçin peýdalanmaga mümkinçilik berýän edara. **34.** Dil üsti bilen nesilden-nesle ýaýran hekaýa, erteki. **35.** Mal iýmiti üçin ekilýän inçe baldakly, kiçijik ýaprakly, mawy gülli ösümlik.

25-nji skanwordyň jogaby:



38-nji krosswordyň jogaby:





**40-njy KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **1.** «Çim-çim çitenek, çimilgen çitenek, darajyk gol içinde, bozurgan çitenek» (matal). **2.** Milli baýramçylyklaryň biri. **3.** Bägüle meňzeş gül. **4.** Uzyn we göni bolup ösen, dik. **5.** Agyr ýitgi zerarly emele gelýän gam-gussaly duýgy. **6.** Pul birligi. **7.** Asuda, parahat. **8.** Dowar süýdünden ýörite uýadylyp, sykylyp taýýarlanýan önüm. **15.** «Uzyn derek, içi köwek» (matal). **16.** Aýagy şikesli, keýtik. **17.** Dogralan gyzgyn çöregi ýagda owlup taýýarlanylýan iýmit. **18.** Gyz ady. **19.** Gana döwletiniň paýtagty. **20.** Owadan, görmegeý. **21.** Magtymguly Pyragynyň kakasy. **27.** Özüňki bolmadyk, kesekiniňki. **28.** Örän gowy, juda ýagşy. **30.** Beden synasy. **31.** Aw guşy. **33.** Arassaçylyk serişdesi. **34.** Krokodiliň kiçi görnüşi. **36.** Ýeňil däl. **37.** Aýy.

● **KESELIGINE:** **2.** Inçeden edilen, çeper, näzik. **5.** Nagyş salmak üçin owunjak sanjylyp tikilýän tikiniň bir görnüşi. **9.** Ümlük. **10.** Iňlis dilinde hoşlaşylanda aýdylýan söz. **11.** Bildirmän, ýaşyryn. **12.** Gatyk ýaýylyp ýagy alnandan soň galýan suwuklyk. **13.** «... dostdan, dana duşman ýagşydyr» (nakyl). **14.** Bir guramanyň, toparyň düzümine girýän adam. **17.** But ýa-da gol süňküniň bir bölegi. **20.** Nar (köne söz). **22.** Uzyn egri boýunly, ýumşak ýelekli ullakan suw guşy. **23.** Aňsat däl, müşgil. **24.** Oglan ady. **25.** Ýaşuly adamlara hormat goýlup, ýüzlenilip aýdylýan söz. **26.** Bir zada bolan isleg, meýil. **27.** Düýp, ast. **29.** Içine et, gök önüm we ş.m. atylyp bişirilýän suwuk nahar. **32.** Daş-töweregi ýagtyldýan şöhleli energiýa, çyra. **35.** «... aýlandym Tejen ýerlerne, ýaşlyk ýyllarymyň geçen ýerlerne» (K.Gurbannepesow). **37.** Hyýaly guş. **38.** Türkmen halkynyň epiki mirasy. **39.** Süýji däl. **40.** Zenan maşgala ýüz tutulyp aýdylýan söz. **41.** Owadan gülli nah matanyň bir görnüşi. **42.** Örän geň.

## Bir sözlemde...

Italiýanyň milli ýygyndysynda wezipesini taşlan Roberto Mançininiň ornuna geçen möwsüm «Napoli» toparyna 33 ýyldan soň 3-nji çempionlygyny gazandyran Luçano Spalletti tälimçilige bellenip, 64 ýaşyndaky hünärmen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Italiýanyň milli ýygyndysynyň ozalky tälimçisi, EURO 2020-de çempionlyk gazandyran Roberto Mançini Saud Arabystanynyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellenip, ol 3 ýyllyk şertnama baglaşdy we her ýyl üçin 20 million ýewro hak alar.

Golf boýunça ABŞ-nyň Oregon şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «U.S. Senior Women's Open» ýaryşynda angliýaly Triş Jonson ýeňiş gazanyp, ol 1 million dollarlyk pul baýragyna mynasyp boldy.

# 2 OÝUNDA 10 GOL

**Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 16-njy tapgyryň çäginde 2 duşuşyk geçirildi. 2 duşuşygyň wagty bolsa yza süýşürildi.**



«Altyn asyr» topary öz meýdançasynda «Aşgabat» topary bilen duşuşyp, myhmanlary 7–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji ýarymy 2–1 aragatnaşykçylaryň peýdasyna tamamlanan duşuşykda «Altyn asyryň» gollaryny 10-njy we 63-nji (p) minutlarda Myrat Annaýew, 25-nji minutda Wahyt Orazsähedow, 67-nji, 84-nji minutlarda Selim Nurmyradow, 70-nji minutda Hoşgeldi Hojowow, 81-nji minutda-da Begmyrat Arbatow (ö.d.) geçirdi. «Aşgabat» toparynyň adyndanam Şatlyk Gurbanow (31) bilen Hydyrgeldi Atjanow (73) tapawutlandy.

«Ahal» topary öz meýdançasynda «Nebitçini» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykdaky gollary 40-njy minutda penaltiden Elman Tagaýew hem-de 80-nji minutda Begenç Mämiýew geçirdi. Oýnuň 41-nji minutynda «Nebitçiniň» oýunçysy Ýusup Annagurbanow gyzyl kart alyp, meýdançadan çykaryldy.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 12 | 12 | 0 | 0 | 39–9 | 36 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 14 | 10 | 2 | 2 | 37–12 | 32 |
| 3 | «NEBITÇI» | 14 | 8 | 1 | 5 | 23–16 | 25 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 13 | 5 | 2 | 6 | 17–25 | 17 |
| 5 | «AHAL» | 13 | 5 | 1 | 7 | 18–19 | 16 |
| 6 | «AŞGABAT» | 14 | 5 | 1 | 8 | 17–33 | 16 |
| 7 | «ENERGETIK» | 13 | 4 | 0 | 9 | 10–25 | 12 |
| 8 | «ŞAGADAM» | 14 | 2 | 2 | 10 | 9–24 | 8 |
| 9 | «MERW» | 9 | 1 | 3 | 5 | 8–15 | 6 |

Şeýle-de, 18-nji tapgyryň çäginde oýnalmaly «Altyn asyr»—«Energetik» duşuşygy wagtyndan ir oýnaldy. Duşuşyk «Altyn asyr» toparynyň 3–0 peýdasyna tamamlandy. Aragatnaşykçylara bu oýunda 3 utuk gazandyran 3 goly 5 minutyň dowamynda Wahyt Orazsähedow (16), Zafar Babajanow (19) hem-de Röwşen Halmämmedow (21) geçirdi. Şeýlelikde, «Altyn asyr» topary 2 oýunda 10 gol geçirmegi başardy.

# Soňky 6 topar hem belli boldy

**UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyryň jogap duşuşyklary-da oýnalyp, 2023/24 möwsümi üçin toparçalarda çykyş etjek 32 klubuň ählisi hem belli boldy. «Galatasaraý», «Braga», «Ýang Boýz», PSW, «Kopengagen» hem-de «Antwerpen» toparlary soňky 6 ýollanmany alan klublar bolmagy başardy.**

**Bir hepde öň Norwegiýadan ýeňiş (3-2) bilen dolanan «Galatasaraý» topary öz meýdançasynda «Molde» toparyny 2–1 hasabynda utdy. Gollary Ikardi (7 p) bilen Anhelinýo (90+3) geçirdi. Bu ýeňişden soň «Galatasaraý» 3 ýyldan soň 17-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynda çykyş eder.**



**Edil «Galatasaraý» ýaly 2 ýerde-de ýeňiş gazanan başga bir topar Portugaliýanyň «Braga» kluby boldy. Öz meýdançasynda 2-1 ýeňiş gazanan «Braga» topary Gresiýanyň «Panatinaikos» toparyny myhmançylykda-da 1-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Portugal klubuna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 88-nji minutda Bruma geçirdi. Soňky gezek 2012/13 möwsüminde gatnaşan «Braga» topary 10 ýyldan soň 3-nji sapar UEFA Çempionlar Ligasyna wekilçilik eder.**

**1-nji duşuşygy golsuz geçen oýnuň jogap duşuşygynda Şweýsariýanyň «Ýang Boýz» topary öz meýdançasynda Ysraýylyň «Makkabi Haýfa» toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollary Itten (23), Sek (28, ö.d.) hem-de Ugriniç (46) derweзä girizdi. «Ýang Boýz» topary 1 ýyllyk arakesmeden soň 3-nji gezek Çempionlar Ligasynyň toparçalarynda çykyş eder.**

**Niderlandlaryň wise-çempiony PSW topary öz meýdançasynda Şotlandiýanyň «Reýnjers» klubundan 5–1 hasabynda üstün çykdy. Şotlandiýada 2–2 deňme-deň oýnan klublaryň jogap duşuşygyndaky gollary PSW üçin Saibari (35, 53), Luuk de Ýong (66), Weerman (78) hem-de Goldson (81, ö.d.) derweзä girizdi. Glazgolylaryň ýeke-täk golunу bolsa, gol geçirmekde ökdeligi bilen tanalýan sag gyraky goragçy Jeýms Tawernie (64) öz adyna ýazdyrdy. Netijede, 7-3 öňe saýlanan eýndhowenliler 17-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň toparçalarynda çykyş etmäge hukuk gazandylar. PSW topary soňky gezek 2018/19 möwsüminde ýaryşa gatnaşypdy.**

**Daniýanyň «Kopengagen» topary-da toparçalarda çykyş etjek klublaryň biri boldy. Polşadan iň kiçi hasaply ýeňiş bilen dolanan «Kopengagen» öz meýdançasynda şol üstünligini saklamagy başardy. Çekeleşikli geçen oýunda «Kopengagen» Wawronyň 35-nji minutdaky ajaýyp goly bilen 1-0 öňe saýlandy. Ýöne duşuşygyň tamamlanmagyna 3 minut galanda «Rakuw» topary Zwolinskiniň goly bilen hasaby deňlese-de, bu olara ýeterlik bolmady. Şunlukda, geçen möwsüm taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazanan «Rakuw» toparyna bu ýeňşiniň üstüni Çempionlar Ligasy bilen ýetirmek başartmady. «Kopengagen» yzly-yzyna 2-nji, umumylykda-da 6-njy gezek toparçalara gatnaşar.**

**ILKINJI GEZEK GATNAŞÝAR**

**Maý aýynda 66 ýyldan soň taryhy çempionlyk gazanan Belgiýanyň «Antwerpen» topary Mark Wan Bommeliň tälimçiliginde ýeňişden ýeňişlere beslenýär. Gresiýanyň AEK toparyny öz meýdançasynda 1–0 hasabynda ýeňen «Antwerpen» garşydaşyndan myhmançylykda 2–1 üstün çykdy. Oýnuň 1-nji ýarymy golsuz tamamlanyp, 73-nji minutda Kerk myhmanlary öňe saýlady. Grekler bu gola 90-njy minutda Arauhonyň goly bilen jogap berdi. 90+5-nji minutda bolsa Balikwişa oýna soňky nokady goýup, «Antwerpene» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şeýlelikde, «Antwerpen» topary UEFA Çempionlar Ligasyna ilkinji gezek gatnaşmaga hukuk gazandy. Olar ýaryşyň irki ýyllarynda Ýewropanyň Çempion Klublarynyň Kubogy ady bilen geçirilýän döwürlerinde, 1957/58 möwsüminde gatnaşypdylar. Umumylykda UEFA-nyň 1-nji derejeli klub ýaryşyna 2-nji gezek gatnaşýan «Antwerpen» bäsleşik UEFA Çempionlar Ligasy adyny alanyndan soň bu ýerde çykyş etjek 149-njy klub hökmünde hasaba alyndy.**



# Agyr atletika boýunça Dünýä çempionaty başlanýar

Sentýabryň 4-ine Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherinde agyr atletika boýunça nobatdaky Dünýä çempionaty başlanar. Çempionata 117 ýurtdan 719 türgen gatnaşar. Erkekler 55, 61, 67, 73, 81, 89, 96, 102, 109 hem-de 109-dan ýokary kg agramda, zenanlar bolsa 45, 49, 55, 59, 64, 71, 76, 81, 87, 87-den ýokary kg agram derejelerinde çykyş ederler. Çempionata ýurdumyzdan 15 türgen gatnaşar. Milli ýygyndymyzda erkekleriň arasynda Gaýgysyz Töräýew, Hojamuhammet Toýçyýew, Bunýat Raşidow, Perhat Bagtyýarow, Seýitjan Mirzaýew, Maksat Meredow, Şatlyk Şöhradow, Dawranbek Hasanbaýew, Şahzatbek Mätýakubow, Bekmyrat Reýimow, zenanlardan Ýulduz Jumabaýewa, Polina Gurýewa, Gülnabat Kadyrowa, Anamjan Rustamowa, Kristina Şermetowa dagy wekilçilik ederler. Ildeşlerimize bu halkara ýaryşda uly üstünlikler arzuw edýäris. Çempionat 17-nji sentýabrda tamamlanar.

# Werstappen Wetteliň rekordyny gaýtalady

Formula 1 Dünýä çempionatynda 1 aýa golaý arakesme tamamlanyp, möwsümiň 14-nji «Gran Prisi» Niderlandlarda geçirildi. Zandwoort şäherinde geçirilen ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşynda 72 aýlawy 2 sagat 24 minut 04,411 sekuntda tamamlap, bassyr 9-njy ýeňşini baýram etdi. Bu onuň şu möwsümdäki 11-nji, karýerasy boýunça-da 46-njy ýeňşi boldy.

Şeýlelikde, Maks Werstappen yzly-yzyna 9-njy ýeňşini gazanmak bilen germaniýaly Sebastian Wetteliň rekordyny gaýtalady. Wettel 2013-nji ýylda soňky 9 ýaryşy ýeňiş bilen tamamlapdy.



Ýaryşda 2-nji ýeri «Aston Martin» toparynyň ispan sürüjisi Fernando Alonso eýeledi. Ol ýeňijiden 3,744 sekunt yza galyp, şu möwsümde 4 ýaryşdan soň ýeňiş münberine çykdy. Ol 3-nji gezek 2-nji orna mynasyp boldy. «Alpine» toparynyň fransiýaly piloty Pierr Gasli bolsa ýaryşy 3-nji orunda tamamlady. 5 sekuntlyk jerime alan meksikaly Serhio Peres («Red Bull») 4-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.

Kem-kemden çempionlyga golaýlaýan Werstappeniň 339 utugy bar. Topardaşy Serhio Peres 201 utuk bilen 2-nji ýeri eýeleýär. 3-nji basgançakdaky Fernando Alonso 168 utuk toplady.

Möwsümiň indiki bäsleşigi 3-nji sentýabrda Italiýanyň Monza şäherinde geçiriler.



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*1-nji sentýabr:*
**Roma – Milan (23:45)**
Nant – Marsel (00:0)
*2-nji sentýabr:*
Çelsi – Nottingam Forest (19:00)
Mançester Siti – Fulham (19:00)
Real Madrid – Hetafe (19:15)
Braýton – Nýukasl (21:30)
**Borussiýa M – Bawaiýa (21:30)**
Krasnodar – Spartak (22:00)
**Napoli – Lasio (23:45)**
Monako – Lans (00:00)
*3-nji sentýabr:*
**Liwerpul – Aston Willa (18:00)**
**SSKA – Zenit (19:30)**
**Union Berlin – Leipsig (20:30)**
**Arsenal – M. Ýunaýted (20:30)**
Atletiko – Sewilýa (21:30)
Inter – Fiorentina (21:30)
Empoli – Ýuwentus (23:45)
**Lion – PSŽ (23:45)**
Osasuna – Barselona (00:00)
Braga – Sporting (00:30)

# DÜNÝÄ ÇEMPIONATY TAMAMLANDY

**Wengriýanyň paýtagty Budapeştde geçirilen ýeňil atletika boýunça 19-njy Dünýä çempionaty tamamlandy. 9 günläp dowam eden ýeňil atletika baýramçylygynda çekeleşikli, dartgynly hem-de gyzykly bäsleşikler, şol sanda rekordlar, gaýtalanan ýeňişler, şowsuzlyklar, ilkinji medallar hasaba alyndy. Bäsleşigiň dowamynda 6 çempionat, 1 sany-da dünýä rekordy täzelendi.**



**Medal sanawynda amerikaly ýeňil atletikaçylar 12 altyn, 8 kümüş, 9 bürünç, jemi 29 medal gazandylar. Kanadanyň (2 kümüş) hem-de Ispaniýanyň (1 kümüş) 4, Ýamaýka (5 kümüş, 4 bürünç) bilen Keniýanyň (3 kümüş, 4 bürünç) hem 3 altyn medaly bar. Jemi 46 ýurt azyndan 1 medal, 23 ýurt azyndan 1 altyn medal gazandy.**

Erkekleriň arasynda uzynlygyna bökmekde geçen ýaryşyň ikinjisi gresiýaly Miltiadis Tentoglu 8,52 metrlik görkeziji bilen ilkinji Dünýä çempionlygyny gazandy. Ol bu ugurda 3 ýamaýkaly türgenden – Weýn Pinnok, 2019-njy ýylyň çempiony Tajaý Geýl hem-de Kari MakLeod dagydan öňe saýlandy. Geçen ýylyň çempiony hytaýly Wan Szianan 5-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.

Syrykly bökmekde dünýä rekordynyň ençeme gezek eýesi, şwesiýaly Armand Duplantis 6,10 metre böküp, bassyr 2-nji altynyny boýnuna dakdy. Filippinli Ernest Jon Obiena 6 metre böküp, özüne degişli Aziýa rekordyny gaýtalap, kümüş medala mynasyp boldy. Awstraliýaly Kurtis Marşall bilen amerikaly Kris Nilsen 5,95 metr bilen bürünç medaly paýlaşdylar.

### HINDISTANYŇ ILKINJI ALTYN MEDALY

Naýza zyňmakda erkekleriň arasynda hindistanly Niraj Çopra 88,17 metrlik netije bilen altyn medala mynasyp boldy. Bu Hindistanyň ýeňil atletika çempionatlaryndaky ilkinji altyn medaly hökmünde hasaby alyndy. Olimpiýa çempiony Çopra geçen çempionatda 2-nji ýeri eýeläpdi. Naýzany 87,82 metre zyňan pakistanly Arşad Nadim kümüş (Pakistanyň çempionatyň taryhyndaky ilkinji medaly), çehiýaly Ýakub Wadleýh bassyr 2-nji gezek bürünç medal gazandy.

Zenanlaryň arasynda naýzany 66,73 metre zyňan ýaponiýaly Haruka Kitaguçi altyn, kolumbiýaly Flor Ruiz (65,47 metr) kümüş, awstraliýaly Makkenzi Litll 63,38 metr) bürünç medala mynasyp boldy. Bu ugurda ilkinji altyn medaly gazanan ýaponiýaly ýeňil atletikaçy bolan Kitaguçi geçen çempionatda 3-nji ýeri eýeläpdi.

Ýekedaban zyňmakda erkeklerde bolşy ýaly, zenanlaryň arasynda-da altyn medal Kanada döwletine gitdi. Geçen çempionatyň wise-çempiony Kamrin Rojers 77,22 metrlik görkeziji bilen amerikaly Jani Kassanawoidi hem-de 2019-njy ýylyň çempiony DeAnna Praýsy yzda galdyrdy.

### SOŇKY SYNANYŞYGYNDAN ÖŇ SEKIZINJIDI, SOŇ ÇEMPION BOLDY

Zenanlaryň arasynda üçürdikläp bökmekde çempion bu ýylam üýtgemedi. Wenesuelaly Ýulimar Rohas bassyr 4-nji altyn medalyny boýnuna dakdy. Ol ýaryşyň final tapgyrynda ilkinji 5 synanyşygyň netijesinde 8-nji orunda barýardy. 2 synanyşygy hasaba alynmadyk 28 ýaşyndaky türgen 3 synanyşygynda-da gowy netije görkezmedi. Ýöne soňky synanyşygynda 15,08 metr aralyga böken Rohas çempion bolmagy başardy. Ol bu ugurda 15 metre böken ukrainaly Marina Beh-Romançukdan hem-de kubaly Leýanis Peresden (14,96 metr) öňe saýlandy. Şeýlelikde, üçürdikläp bökmekde yzly-yzyna 4 çempionlyk gazanan ilkinji türgen boldy. Ol umumylykda Kristian Teýlordan soň 4 Dünýä çempionlygyny gazanan 2-nji türgen hökmünde hasaba alyndy.

Gülle iteklemekde edil erkekleriň arasynda bolşy ýaly, zenan çempion hem üýtgemedi. Amerikaly Çeýz Ili 20,43 metrlik netije bilen bassyr 2-nji altyn medalyny gazandy. Kanadaly Sara Mittonyň kümüş medal alan ýaryşynda hytaýly Gun Lizsýao 10 ýyldan soň 4-nji bürünç medalyna mynasyp boldy. 34 ýaşyndaky Olimpiýa çempiony türgeniň Dünýä çempionatlarynda 2 altyn, 2 kümüş, jemi 8 medaly bar.

### BU GEZEK ALTYN MEDAL GAZANDY

Beýikligine bökmek boýunça zenanlardan ukrainaly Ýaroslowa Mahuçih 2 kümüş medaldan soň ahyry Dünýä çempionlygyny gazandy. 2,01 metr beýige böken 21 ýaşyndaky Mahuçih 1,99 metrlik görkezijiler bilen çykyş eden awstraliýaly türgenler — geçen ýylyň çempiony Eleanor Pattersson hem-de Nikola Olislagersden tapawutlandy.

Marafon ylgawynda çempionlar täzelenip, erkekleriň arasynda ugandaly Wiktor Kiplangat 2 sagat 8 minut 53 sekuntda pellehana geldi we altyn medala mynasyp boldy. Ysraýylly Maru Teferi 2-nji, efiopiýaly Leul Gebresilase 3-nji ýeri eýeledi. Zenanlaryň arasynda efiopiýalylar münberiň ilkinji 2 basgançagyna çykdy. 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 24 minut 23 sekuntda geçen Amane Beriso altyn, geçen ýylyň çempiony Gotytom Gebreslase kümüş, şeýle-de, marokkoly Fatima Ezzahra Gardadi bürünç medal gazandy.

### 20 KILOMETRDEN SOŇ 35 KILOMETR ÝÖRIŞDE-DE ÇEMPION BOLDULAR

35 kilomterlik ýöriş ýaryşlarynda erkekdir zenanlaryň arasynda ispaniýaly ylgaýjylar ýeňiji boldy. Ispaniýaly Alwaro Martin altyn, kolumbiýaly Braýan Daniel Pintado kümüş, ýaponiýaly Masatora Kawano bürünç medal gazandy. Zenanlaryň arasynda ispaniýaly Mariýa Peres çempionatyň rekordyny täzeläp (02:38:40), geçen ýylyň çempiony peruly Kimberli Garsiýadan hem-de gresiýaly Antigoni Drisbiotiden öňe saýlandy. Ispaniýanyň şu çempionatda gazanan 4 altyn medalyny Alwaro Martin bilen Mariýa Peres gazanyp, olar 20 kilometr ýöriş ýaryşynda çempion bolupdylar.



### HOJKINSON ÝENE-DE 2-nji ÝERI EÝELEDI

800 metr ylgawda erkekleriň arasynda kanadaly Marko Arop (1:44,24 minut) altyn, keniýaly Emmanuel Wanýoni kümüş, britaniýaly Ben Pattison bürünç medal gazandy. Arop geçen ýyl 3-nji ýeri eýeläpdi. Zenanlaryň arasynda keniýaly Meri Moraa ýeňiş gazanyp, ol britaniýaly Kili Hojkinsondan hem-de geçen ýylyň çempiony amerikaly Ating Mudan öňürti pellehana geldi. Hojkinson bassyr 2-nji gezek kümüş medal gazanyp, ol geçen ýyl Mudan, bu sapar bolsa Moraadan yza galdy.

5000 metre ylgamakda erkekleriň arasynda norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsen yzly-yzyna 2-nji altyn medalyny gazandy. 13 minut 11,30 sekuntda pellehana gelen Ingebrigtsen ispaniýaly Mohamed Katir hem-de geçen ýylyň kümüş medally türgeni, keniýaly Jeýkob Kropdan öňe saýlandy.

Zenanlaryň arasyndaky 5000 metr ylgawda keniýaly Fait Kipýegon 1500 metr ylgawdan soň bu ýaryşda-da ýeňiş gazandy (14:53,88 minut). Ol Sifan Hassan (Niderlandlar) hem-de watandaşy, geçen ýylyň wise-çempiony Beatris Çebetden öň pellehana geldi.

Erkekleriň arasyndaky 400 metr ylgawda ýamaýkaly Antonio Watson 44,22 sekuntda ýaryşy tamamlap, bu ugurda altyn medal gazanan ilkinji ýamaýkaly türgen boldy. Britaniýaly Mattýuw Hadson-Smit kümüş, amerikaly Kuinsi Holl bürünç medal gazandy.

Erkekleriň arasyndaky köp görnüşli — dekatlon (10 görnüşli) ýaryşynda kanadaly türgenler goşa ýeňiş gazandy. 8909 utuk bilen ýylyň iň gowy netijesini görkezen Piers LePeýj altyn, 8904 utukly Damian Worner kümüş, milli rekordyny täzelän grenadaly Lindon Wiktor bürünç medala mynasyp boldy (8756 utuk).

Zenanlaryň arasyndaky päsgelçilikli ylgaw ýaryşlarynyň 2-sinde täze çempion ýüze çykdy. Päsgelçilikli 100 metr ylgawda 12,43 sekuntda pellehana gelen ýamaýkaly Danielle Williams 8 ýyldan soň 2-nji altyn medalyny gazandy. Puerto-rikoly Jasmin Kamaço-Kuinn 2-nji, amerikaly Kendra Harrison 3-nji ýeri eýeledi.

Päsgelçilikli 400 metr ylgawda Femke Bol (Niderlandlar) 51,70 sekuntda ýaryşy tamamlap, kümüş medaldan soň bu gezek altyn medala mynasyp boldy. Amerikaly Şamier Litll 2-nji, ýamaýkaly Raşell Kleýton 3-nji ýeri eýeledi.

Päsgelçilikli 3000 metre ylgamakda asly Keniýadan bolan bahreýnli Winfred Ýawi keniýaly Beatris Çepkoeç hem-de Fait Çerotiçden üstün çykmagy başardy.

### BOLTDAN SOŇ LAÝLS

200 metre ylgamakda erkekleriň arasynda amerikaly Noa Laýls bassyr 3-nji altyn medalyny gazandy. 19,52 sekuntda pellehana gelen Laýls 100 metr ylgawda-da altyn medala mynasyp bolupdy. Ol ýamaýkaly Usain Boltdan soň 100 hem-de 200 metr ylgawlarda çempionlyk gazanan ilkinji, umumylykda-da 5-nji türgen hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda amerikaly Erriýon Naýton 2-nji, botswanaly Letsile Teboga 3-nji ýeri eýeledi.

### 35 ÝYLLYK TARYHY REKORDA 0,07 SEKUNT ÝETMEDI

Zenanlaryň arasynda ýamaýkaly Şerika Jekson 200 metr aralygy 21,41 sekuntda geçip, özüne degişli çempionatyň rekordyny (21,44) täzeledi. Ol 1988-nji ýyldan bäri täzelenmeýän dünýä rekordyny hem tas täzeläpdi. Dünýä rekordy amerikaly Florens Griffit-Joýnere degişli bolup, ol 21,34 sekuntda pellehana gelipdi. Bassyr 2-nji gezek dünýä çempionlygyny gazanan Şerika Jeksonyň görkezen netijesi taryhy rekorda 0,07 sekunt ýetmedi. Ýaryşda amerikaly ylgaýjylar Garbrielle Tomas 2-nji, ŞaKarri Riçardson 3-nji ýeri eýeledi.

4x100 metr estafeta ylgawynda erkekleriň hem-de zenanlaryň arasynda bu ugruň ägirdi amerikaly türgenler altyn medal gazandylar. Erkekleriň arasynda çykyş eden Noa Laýls çempionaty 3 altyn medal bilen tamamlady. Italiýa 2-nji, Ýamaýka 3-nji orna mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda ABŞ altyn, Ýamaýka kümüş, Beýik Britaniýa bürünç medal gazandy. Amerikaly ýeňil atletikaçylar 41,03 sekuntlyk görkeziji bilen altyn medallarynyň üstüni çempionatyň rekordy bilen ýetirdiler. Ýamaýkanyň düzüminde çykyş eden 16-njy medalyny gazanyp, ol bu ugurda Dünýä çempionatlarynyň iň köp medally 2-nji türgenidir.

### BOL BOL FEMKE BOL

4x400 metr estafeta ýaryşlarynda erkekleriň arasynda ABŞ altyn, Fransiýa kümüş, Beýik Britaniýa bürünç medala mynasyp boldy. Zenanlaryň arasynda ABŞ-nyň ýygyndysy saýlama tapgyrynda düzgüni bozandygy üçin ýaryşdan çykaryldy. Altyn medala Femke Boluň soňky metrlerde öňe geçmeginden soň Niderlandlaryň ýygyndysy mynasyp boldy. Bu ugurda ilkinji altyn medalyny gazanan Niderlandlaryň düzüminde geçen hepde geçirilen garyşyk 4x400 metr estafeta ylgawda Femke Bol soňky ädimlerde ýykylyp, toparyny medalsyz goýupdy. Ýaş ýeňil atletikaçy bu gezek toparyna altyn medal gazandyran türgen boldy. Ýamaýkanyň ýygyndysy ýene-de 2-nji, Beýik Britaniýa 3-nji ýeri eýeledi.

Ýeňil atletika boýunça 20-nji Dünýä çempionaty 2025-nji ýylda Ýaponiýanyň paýtagty Tokioda geçiriler.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Çempionlar **Ligasynyň** 32-nji möwsümi



Düýn UEFA-nyň iň uly klub ýaryşynyň Çempionlar Ligasynyň täze möwsümi —32-nji, umumylykda-da 69-njy möwsüminiň bijeleri çekildi.

Çekilen bijä laýyklykda, iň güýçli toparça «F toparça hasaplanýar. Bu toparçada PSŽ, «Borussiýa Dortmund», «Milan» hem-de «Nýukasl» klublary bije çekişdi. Soňky çempion «Mançester Siti» o diýen kyn bolmadyk toparçada «Leipsig», «Srwena Zwezda» hem-de «Ýang Boýz» klublary bilen güýç synanyşar. «A» toparçada güýçli toparça bolup, «Bawariýa, «Mançester Ýunaýted», «Kopengagen» hem-de «Galatasaraý» klublary özara duşuşarlar. «C» toparça düşen kubogy iň köp eýelän «Real Madrid» toparynyň garşydaşlary «Napoli», «Braga» hem-de «Union Berlin» klublary boldy.



32 klubuň gatnaşýan ýaryşynda 30 klubuň UEFA Çempionlar Ligasy tejribesi bolup, 2 klub – «Union Berlin» bilen «Antwerpen» toparlary ilkinji gezek çykyş ederler. Aslynda «Antwerpen» mundan 66 ýyl ozal, Ýewropanyň Çempion Klublarynyň Kubogy ýaryşy döwründe gatnaşypdy. Şu möwsüm 32 klubuň gatnaşýan soňky möwsümi bolar.

3 şäheriň — Madrid, Milan hem-de Mançester şäherleriniň hersinden 2 wekil çykyş edýär. Jemi 15 ýurduň kluby gatnaşar. Şolaryň 5-si Ispaniýa degişli bolup, bu ýurtdan 4-nji gezek 5 klub çykyş eder. «Sewilýa» topary Ýewropa Ligasynyň ýeňijisi hökmünde gatnaşýar.

Toparçalardaky 1-nji duşuşyklar 19–20-nji sentýabrda, 2-nji duşuşyklar 3–4-nji oktýabrda, 3-nji duşuşyklar 24–25-nji oktýabrda, 4-nji duşuşyklar 7–8-nji noýabrda, 5-nji duşuşyklar 28–29-njy noýabrda hem-de 6-njy duşuşyklar 12–13-nji dekabrda oýnalar.

Toparçalarda 1–2-nji orny eýelänler 1/8 finala çykar. 1/8 finalyň duşuşyklary 2024-nji ýylyň 13–14-nji, 20–21-nji fewralynda hem-de 5–6-njy, 12–13-nji martynda geçiriler. Çärýek final geljek ýylyň 9–10-njy, 16–17-nji aprelinde, ýarym final 30-njy aprel we 1-nji maýda hem-de 7–8-nji maýda oýnalar. Final duşuşygy bolsa 2024-nji ýylyň 1-nji iýunynda Londondaky «Wembley» stadionynda geçiriler.

«Real Madrid» bilen «Barselona» 28-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynda çykyş ederler (1992-nji ýyldan bäri). «Real Madrid» bassyr 27-nji gezek gatnaşyp, bu ugurda rekordyň eýesidir. «Bawariýa» bilen «Porto» 27-nji gezek gatnaşsa, «Mançester Ýunaýted» 25-nji, «Arsenal» bilen «Milan» 20-nji, «Borussiýa Dortmund», «Benfika», «Şahtýor Donesk» 18-nji, «Inter», «Galatasaraý», PSW 17-nji, «Pari Sen-Žermen» 16-njy, «Atletiko Madrid» 14-nji, «Mançester Siti» 13-nji (yzly-yzyna), «Seltik» 12-nji, «Sewilýa» 9-njy, «Napoli» 8-nji, «Lasio» 7-nji, «Kopengagen», «Red Bull Salsburg», «RB Leipsig», «Feýenoord» 6-njy, «Nýukasl», «Real Sosiedad», «Srwena Zwezda», «Ýang Boýz», «Lans», «Braga» 3-nji, «Union Berlin» bilenem «Antwerpen» 1-nji gezek UEFA Çempionlar Ligasynyň toparçalarynda çykyş ederler.

| «A» TOPARÇA | «B» TOPARÇA | «C» TOPARÇA | «D» TOPARÇA |
|---|---|---|---|
| «Bawariýa» (Germaniýa) | «Sewilýa» (Ispaniýa) | «Napoli» (Italiýa) | «Benfika» (Portugaliýa) |
| «Man. Ýunaýted» (Angliýa) | «Arsenal» (Angliýa) | «Real Madrid» (Ispaniýa) | «Inter» (Italiýa) |
| «Kopengagen» (Daniýa) | «PSW Eýndhowen» (Niderlandlar) | «Braga» (Portugaliýa) | «RB Salsburg» (Awstriýa) |
| «Galatasaraý» (Türkiýe) | «Lans» (Fransiýa) | «Union Berlin» (Germaniýa) | «Real Sosiedad» (Ispaniýa) |

| «E» TOPARÇA | «F» TOPARÇA | «G» TOPARÇA | «H» TOPARÇA |
|---|---|---|---|
| «Feýenoord» (Niderlandlar) | «Pari Sen-Žermen» (Fransiýa) | «Mançester Siti» (Angliýa) | «Barselona» (Ispaniýa) |
| «Atletiko Madrid» (Ispaniýa) | «Borussiýa D» (Germaniýa) | «Leipsig» (Germaniýa) | «Porto» (Portugaliýa) |
| «Lasio» (Italiýa) | «Milan» (Italiýa) | «Srwena Zwezda» (Serbiýa) | «Şahtýor Donesk» (Ukraina) |
| «Seltik» (Şotlandiýa) | «Nýukasl» (Angliýa) | «Ýang Boýz» (Şweýsariýa) | «Antwerpen» (Belgiýa) |

# TRANSFER TÄZELIKLERI

● Italiýanyň «Roma» kluby Germaniýanyň «Baýer» toparyndan eýranly hüjümçi Serdar Azmuny transfer etdi. Rimliler 28 ýaşly hüjümçi bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. Möwsümiň ahyrynda-da «Roma» gerek bolan ýagdaýynda Azmuny 12 million ýewro töläp, ymykly düzümine-de geçirip biler. Azmun geçen 2022-nji ýylyň ýanwarynda «Zenitden» «Baýere» geçipdi. Ol nemes klubunda 44 oýunda 5 gezek tapawutlandy. Professional karýerasyna «Rubinde» başlan Azmun «Rostow» hem-de «Zenit» klublarynda oýnady. Ol «Rubinde» 77 oýunda 17, «Rostowda» 77 oýunda 25, «Zenitde» 104 oýunda 62 gol geçirdi. Azmun «Romada» 17-nji belgili köýnekçäni geýer.



● Çilili ýyldyz oýunçy Aleksis Sançes 1 ýyldan soň ýene-de ozalky kluby Italiýanyň «Inter» toparyna gaýdyp geldi. Geçen möwsümi Fransiýanyň «Marsel» toparynda oýnan 34 ýaşyndaky hüjümçi bu klubda 44 oýunda 18 gol geçirdi. Sançes «Inter» topary bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol 2019-2022-nji ýyllar aralygynda «Interde» 3 möwsüm çykyş edip, 109 duşuşykda 20 gezek tapawutlanypdy. Karýerasy boýunça ýurdunyň «Kobreloa», «Kolo-Kolo», Argentinanyň «Riwer Pleýt», Italiýanyň «Udineze», Ispaniýanyň «Barselona», Angliýanyň «Arsenal», «Mançester Ýunaýted» klublarynyň köýnekçesini geýen Sançes şu wagta çenli klublarda 747 oýunda 216 gol geçirdi.



● Saud Arabystanynyň «Al Nassr» topary UEFA Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi «Mançester Sitiniň» ispaniýaly goragçysy Emerik Laporty 30 million ýewro transfer etdi. Er-Riýad şäheriniň kluby 29 ýaşyndaky oýunçy bilen 3 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. Ispaniýaly oýunçy täze klubunda 27-nji belgili köýnekçäni geýer. Laport 2018-nji ýylyň ýanwarynda «Mançester Siti» toparyna transfer bolupdy. Ol bu klubda 5,5 möwsüm çykyş edip, 180 gezek şäherlileriň düzüminde oýnady. Laport şol 5,5 möwsümde «Mançester Sitide» 13 kubogy asmana göterdi. Karýerasyna «Biskoniýa» klubunda başlan Laport soňlugy bilen «Atletik Bilbaoda» 5 möwsüm oýnady.



● Portugaliýaly meşhur futbolçy Žoao Moutinio 10 ýyldan soň ýurduna dolandy. Soňky 5 möwsümi «Wulwerhempton» klubunda oýnan 36 ýaşyndaky ýarymgoragçy ýurdunyň «Braga» kluby bilen geljek ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. 2004-nji ýylda «Sportingde» futbola başlan «Moutinio» 2010-njy ýylda «Porto» toparyna transfer bolupdy. 3 möwsümden soňam «Monako» bilen şertnama baglaşan Moutinio fransuz klubunda 5 möwsüm çykyş etdi. Ol umumylykda klublarda 860 oýunda 59 gol geçirdi. Portugaliýanyň ýygyndysynda-da 146 gezek meýdança çykan Moutinio 7 goly öz adyna ýazdyrdy.



● Fransiýanyň «Marsel» topary Italiýanyň «Inter» klubundan argentinaly hüjümçi Hoakin Korreany düzümine goşdy. Fransuz kluby 29 ýaşly oýunçyny 1 ýyllyk kärendesine transfer etdi. «Marsel» kärende tölegi hökmünde «Intere» 2 million ýewro berer. «Marsel» kluby Korreany geljek tomusda 10 million ýewro baha ymykly transfer edip biler. Ýurdunyň «Estudiantes» toparynda futbola başlan Korrea «Sampdoriýa», «Sewilýa», «Lasio» klublarynda oýnady. Ol «Interde» 2 möwsümde 76 oýunda 10 gol geçirdi.



● Italiýanyň «Inter» topary «Bawariýanyň» fransiýaly sag gyraky oýunçysy Benžamen Pawary transfer etdi. Italýan kluby 27 ýaşyndaky oýunçy üçin nemes klubuna 30+2 million ýewro berer. Pawar «Inter» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Pawar «Bawariýada» 4 möwsümde 163 oýunda 12 gol geçirdi. Ol «Bawariýadan» öň «Ştutgart» hem-de «Lill» klublarynyň köýnekçelerini geýdi.




● Italiýanyň çempiony «Napoli» topary Germaniýanyň «Aýntraht» toparynyň norwegiýaly ýarymgoragçysy Ýesper Lindstromy 25+5 million ýewro transfer etdi. 5 ýyllyk şertnama baglaşan «Napoli» topary 23 ýaşyndaky oýunça ýyllyk 2,3 million ýewro hak tölär. Lindstrom «Aýntrahtda» 2 möwsümde 80 duşuşyk geçirip, şolarda 14 goly derweze girizdi.



● «Premier Liganyň» wekili «Ewerton» topary «Serie A»-nyň «Udineze» klubundan portugaliýaly hüjümçi Betu Betunkaly 30 million ýewro transfer etdi. 25 ýaşyndaky hüjümçi iňlis kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2 möwsüm «Udinezede» oýnan Betu 65 oýunda 22 gol geçirdi. Betu täze toparynda 14-nji belgide oýnar.



● Angliýanyň «West Ham» topary Niderlandlaryň «Aýaks» toparyndan Mohammed Kudusy transfer etdi. Iňlis kluby 23 ýaşyndaky ganaly ýarymgoragçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «West Ham» topary Kudusyň transferi üçin amsterdamlylara 44+3 million ýewro berer. «Aýaksda» 3 möwsüm çykyş eden Kudus 87 oýunda 27 gol geçirdi. Ol Daniýanyň «Norşellann» klubunda futbola başlapdy.



● Angliýanyň «Premier Ligasynyň» çempiony «Mançester Siti» topary düzümine ýaş futbolçy goşdy. Şäherliler «Ligue 1»-iň wekili «Renn» toparyndan Žeremi Dokuny goşmaçalar bilen jemi 60 million ýewro transfer etdi. «Mançester Siti» topary 21 ýaşyndaky belgiýaly sag gyraky oýunçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Anderlehtde» futbola başlan Doku «Rennde» 91 oýunda 12 gezek tapawutlandy. Ol «Mançester Sitide» 11-nji belgide oýnar.



Ygtyýarnama: 1-15-24-26

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň «Ykdysadyýet we biznes mekdebi» döwlet kärhanasy 2023/2024-nji okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar boýunça gysga möhletli okuwlara kabul edýändigini**

**YGLAN EDÝÄR**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Baha kesmek işi | 6 aý. |
| 2 | Iňlis dili | 4 aý. |
| 3 | Rus dili | 3 aý. |
| 4 | Nemes dili | 3 aý. |
| 5 | Kompýuter sowatlylygy I, II, III. | 2,5 aý. |
| 6 | Matematika | 3 aý. |
| 7 | Suratkeş | 6 aý. |
| 8 | Elektrik enjamlary abatlaýjy slesar | 3 aý. |
| 9 | Himiki derňewiň laboranty | 5 aý. |
| 10 | Awtoulaglary abatlaýjy slesar | 6 aý. |
| 11 | Elektromontýor-1000 V çenli | 3 aý. |
| 12 | Suw we ýylylyk geçirijileriň örtüjisi | 3 aý. |
| 13 | Suwuk we gaz ýangyjynda işleýän bug we ýyladyş gazanlarynyň maşinisti | 3 aý. |
| 14 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Armaturçy – armatur gözenekleri we karkaslary kebşirleýji | 4 aý. |
| 15 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Betonçy | 2 aý. |
| 16 | Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary. Tehniki howpsuzlyk we zähmeti goramak boýunça instruktor | 6 aý. |
| 17 | Tokar | 5 aý. |
| 18 | Elektrik togy we gaz bilen kebşirleýji | 4 aý. |
| 19 | Amaly geodeziýa | 3 aý. |

*Okuwlara diňleýjiler, orta we hünär bilimli raýatlar kabul edilýär.*

*Okuwa ýokardaky hünärler boýunça şertnamalaýyn esasda tölegli kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlary Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda kabul edilýär.*

*Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:*

*-bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;*

*-bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);*

*-3×4 sm ölçegdäki 3 sany fotosurat;*

*-şahsy pasportynyň, pasport almadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi;*

**Okuwlary üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berilýär.**

**Salgymyz: Aşgabat şäheri, Baba Annanow köçesiniň 136-njy jaýy. Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993-12-28-18-50.**







